TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝOKARY DEPGINLI YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEK ÜÇIN SEBITLERIMIZI WE YKDYSADYÝETIMIZIŇ PUDAKLARYNY GELJEGIŇ NUKDAÝNAZARYNDAN ÖSDÜRÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
3-nji maý, 2024. Belgisi 18/1584



# MÖWSÜMLEÝIN OBA HOJALYK IŞLERI GIŇ GERIM ALÝAR

*29-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynda we sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin işleriň barşy bilen bagly meselelere garaldy.*

Maslahatda welaýatlaryň häkimleri möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitlerde gowaça ekişini ýokary hilli geçirmek we bellenen möhletlerde tamamlamak boýunça zerur işler dowam etdirilýär. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwy tutulýar, gögeriş alnan ýerlerde bolsa hatarara bejergi, ýekelemek, otag işleri geçirilýär. Şunda oba hojalyk tehnikalaryndan we gurallardan netijeli peýdalanylýar. Bugdaý ekilen meýdanlarda ösüş suwy tutulýar. Welaýatlardaky galla kabul ediş kärhanalary, elewatorlary, däne ýygýan kombaýnlary we bugdaý daşamakda ulanyljak awtoulaglary galla oragy möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Ilaty ýurdumyzda öndürilýän ýeralma, beýleki gök-bakja önümleri bilen bolelin üpjün etmek babatda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, bu ekinleriň ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri alnyp barylýar. Pile öndürmek boýunça bellenen meýilnamany üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen, welaýatlaryň pileçi kärendeçileri tarapyndan ýüpek gurçugyna ideg etmek işleri ýerine ýetirilýär.

Şeýle hem häkimler «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi we gowaça ekişiniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, ekiş geçirilen ýerlerde, şeýle hem bugdaý meýdanlarynda ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi häkimlere tabşyrdy. Şeýle-de, döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatlarda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda pagtaçy daýhanlarymyz tarapyndan gowaça ekişi alnyp barylýar. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwuny tutmak, gögeriş alnan meýdanlarda bolsa hatarara bejergi, ýekelemek, otag işleri ýerine ýetirilýär. Şunda oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanmaga aýratyn üns berilýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri dowam edýär. Galla kabul ediş kärhanalaryny, elewatorlary we bugdaý ýygýan kombaýnlary galla oragy möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär.

Diýarymyzda ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň öndürilýän möçberini artdyrmak, bu önümler bilen ilaty bolelin üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, ekerançylyk meýdanlarynda ýazlyk ekinleri ekmek, olara agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek işleri dowam etdirilýär. Ýurdumyzda piläniň öndürilişini artdyrmak we bu möwsümi guramaçylykly geçirmek üçin häzirki wagtda welaýatlarda pile öndürijiler tarapyndan ýüpek gurçugyna ideg etmek işleri alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň, hususan-da, gowaça ekişiniň, bugdaýa we ýazlyk ekinlere ideg işleriniň agrotehniki möhletlerde ýerine ýetirilmeginiň möhüm wezipe bolup durýandygyny belledi we alnyp barylýan işleri berk gözegçilikde saklamagy wisepremýere tabşyrdy. Şeýle-de, ýazlyk ekinlere ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmegini üpjün etmek babatda birnäçe görkezmeler berildi.

## Türkmenistan – BMG: hyzmatdaşlygyň täze ugurlary kesgitlenýär



29-30-njy aprelde Türkmenistanyň wekiliýeti BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 57-nji mejlisine gatnaşdy. BMG-niň Nýu-Ýork şäherindäki edara binasynda geçirilen mejlis «Ilat we ösüş boýunça halkara maslahatynyň Hereketler maksatnamasy we onuň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibine goşýan goşandy» ady bilen geçirildi.

Geçirilen çäre bilen bir hatarda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygynyň başlangyjy esasynda Ilat we ösüş boýunça halkara maslahatynyň (ICPD) 30 ýyllygyna bagyşlanan BMG-niň Baş Assambleýasynyň umumy mejlisi geçirildi. Onda ählumumy derejede ICPD + 30 Hereketler maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde gazanylan netijeler gözden geçirildi.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ata Watanymyz Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, «Açyk gapylar» we netijeli hyzmatdaşlyk syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak bilen, saýlap alan ugruna üýtgewsiz eýerýär. 3

## Suw diplomatiýasy – durnukly ösüş ugry

***30-njy aprelde paýtagtymyzdaky «Arçabil» myhmanhanasynda Suw serişdeleri we daşky gurşaw boýunça sebit taslamasyny (WAVE) durmuşa geçirmegiň çäklerinde Ýer ýüzüni goramagyň gününe gabatlanyp, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň suw hojalyk meseleleri boýunça sebit maslahaty geçirildi. Oňa Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň suw hojalyk düzümleriniň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halkara guramalaryň, ylmy-barlag merkezleriniň wekilleri gatnaşdylar.***

Gün tertibine Merkezi Aziýa ýurtlarynda suw hojalyk özgertmelerini seljermek, suw hojalyk pudagyny ösdürmegiň strategiýasy, ABŞ-nyň Halkara ösüş boýunça agentligi (USAID), Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti (GIZ), Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy bilen suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak, bu işde ulanylýan tehnologiýalary nazara almak esasynda, suw hojalygyndaky sebit taslamalaryny durmuşa geçirmek boýunça tejribe alyşmak babatdaky meseleler girizildi.

Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletleriniň, şol sanda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenen hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklaryň syýasy-diplomatik usuly hökmünde garalýan suw diplomatiýasynyň suw serişdeleriniň çeşmelerini döretmek we dikeltmek, olary rejeli ulanmak bilen bagly meseleler boýunça yzygiderli dialog üçin giň mümkinçilikleri açýandygy bellärliklidir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we Özbegistanyň suw hojalyk pudagynda hyzmatdaşlygynyň oňyn tejribesini bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiziň 2022-nji ýylyň 14-15-nji iýulynda Özbegistan Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary munuň aýdyň



güwäsidir. Şol saparyň dowamynda iki ýurduň Hökümetleriniň arasynda Amyderýanyň suw serişdelerini dolandyrmak, goramak we rejeli peýdalanmak hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

Maslahatda çykyş edenler Türkmenistan tarapyndan işlenip taýýarlanylan hem-de 19 ýurduň awtordaşlyk etmeginde BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnamanyň Merkezi Aziýa üçin suw hojalygy pudagynda halkara meýilnamalary durmuşa geçirmegiň möhüm guraly bolup durýandygyny nygtadylar.

Türkmenistan tarapyndan iri forumlarda, şol sanda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde, Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň, hazarýaka döwletleriň we GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň sammitlerinde birnäçe başlangyçlar öňe sürüldi. Şol başlangyçlar Milletler Bileleşigine agza döwletleriň ählisi tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde halkara tagallalary birleşdirmäge gönükdirilendir. Ýurdumyzyň tekliplerinde Merkezi Aziýada serhetýaka suw serişdelerinden peýdalanmagyň halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary, özara hormat goýmak hem-de sebitiň ähli ýurtlarynyň bähbitlerini nazara almak esasynda amala aşyrylmalydygyna üns çekilýär.

Bellenilişi ýaly, suw serişdeleri Merkezi Aziýanyň durnukly ösmegi üçin möhüm orun eýeleýär. Serhetýaka suw hyzmatdaşlygy bolsa Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň, sebitde parahatçylygy, durnuklylygy, abadançylygy üpjün etmegiň möhüm bölegi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli we sebit strategiýalarynda suw meselelerine uly ähmiýet bermäge, bu ugurda köptaraply hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga hemmeleriň taýýardygy beýan edildi.

Günüň ikinji ýarymynda utgaşykly görnüşde Amyderýa sebitinde çözgütleriň kabul edilmegini goldamak boýunça 3-nji sebit duşuşygy geçirildi. Oňa gatnaşyjylar bilelikdäki çemeleşmeleri ulanmagyň netijelerini we mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

## Nebitgaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirilýär



Ýurdumyzyň nebitgaz pudagyny ösdürmek, tebigy gazy dünýä bazarlaryna diwersifikasiýa ýoly bilen ibermek, nebitgaz serişdelerini gaýtadan işläp, dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürmek Garaşsyz döwletimizde alnyp barylýan energetika strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Türkmenistanyň nebitgaz pudagynyň eksport kuwwaty ýylsaýyn ýokarlanýar. Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklar pugtalandyrylýar we giňeldilýär.

Şunuň bilen baglylykda, her ýyl daşary ýurtlarda halkara göçme forumlar guralýar. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem şeýle iri halkara forum Fransiýanyň Pariž şäherinde üstünlikli geçirildi. 24-25-nji aprelde dünýäniň 30-dan gowrak döwletinden köp sanly wekiliýetiň gatnaşmagynda geçirilen forumda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynda amala aşyrylýan täze maýa goýum taslamalary giňden tanyşdyryldy. 3

### Ykdysady forumyň ýörite mejlisi



**28-29-njy aprelde Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda halkara hyzmatdaşlyga, ösüşe we energiýa pudagyna bagyşlanan Bütindünýä ykdysady forumynyň (WEF) ýörite mejlisi geçirildi.** 4

### Itler näme sebäpden kellesini gyşardýar?



**Itleriň syrly häsiýetlerinden biri bolan kellesini gapdala egmek endigi adamlarda köp ýyllardan bäri gyzyklanma döredýär.** 5

### «Barselona» bilen «Lion» 3-nji gezek finalda



**UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynda finala çykan toparlar belli boldy. Final duşuşygy «Barselona» bilen «Lion» toparlarynyň arasynda geçiriler.** 7

### Finalçylar jogap duşuşygynda belli bolar



**UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklarynyň 2-si hem Germaniýada geçirildi. Duşuşyklaryň biri deňme-deň tamamlanan bolsa, beýlekisinde ýer eýeleri iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazandy. Iki duşuşykda jemi 5 gol hasaba alyndy.** 8

# Täze gatnawlar we mümkinçilikler

Soňky döwürde ýurdumyzda ýerli we halkara uçar gatnawlarynyň ýygylygy yzygiderli artýar, şol sanda dürli ýurtlara täze gatnaw ugurlary hem açylýar.

«Türkmenhowaýollary» agentliginiň «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň çar ýana ýaýraýan uçuşlary ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen özara gatnaşyklary pugtalandyryp, dost-doganlygy, hoşniýetli hyzmatdaşlygy ilerledýändiginiň güwäsine öwrülýär. Täze taryhy döwürde «Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Milli maksatnamasyna» laýyklykda, raýat awiasiýasynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da kämilleşdirmek, düzümini täze uçarlar bilen artdyrmak, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda täze howa menzillerini gurmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.



Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde raýatlarymyz dünýäniň dürli ýurtlaryna okuw we syýahatçylyk maksady bilen uçuşlary amala aşyrýarlar. «Türkmenistan» awiakompaniýasy raýatlaryň gitmäge isleg bildirýän ýurtlary üçin gatnawlaryň sanyny yzygiderli artdyrýar.

«Türkmenistan» awiakompaniýasy ýolagçylardan gelýän köp sanly islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen, halkara gatnawlarynyň sanyny yzygiderli artdyrýar. Awiakompaniýa şolaryň hatarynda Aşgabat – Kuala Lumpur – Aşgabat aralygyndaky gatnawlaryny hem hepdede iki gezege çykardy.

Ozal Türkmenistanyň we Malaýziýanyň paýtagtlaryny birleşdirýän uçuşlar hepdede bir gezek – diňe penşenbe güni amala aşyrylýardy. Şu ýylyň 23-nji aprelinden başlap bu ugur boýunça gatnawlara hepdäniň sişenbe günündäki gatnawlar hem goşuldy.

2024-nji ýylyň 1-nji maýyndan başlap, Aşgabat – London – Aşgabat aralygyndaky howa gatnawy hepdede iki gezek amala aşyrylyp başlandy. Mundan beýläk «Türkmenhowaýollary» agentligi ýurdumyzyň we Beýik Britaniýanyň paýtagtlaryny birleşdirýän uçuşlary her hepdäniň çarşenbe we şenbe günlerinde amala aşyrar.

Türkmen paýtagtyny günbatar Ýewropanyň iň iri şäherleriniň biri bilen birleşdirýän bu uçuş iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň barha ilerlemegine ýol açar.

Ýola goýlan şeýle işler üçin ildeşlerimiziň – ýolagçylaryň Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyklarynyň we alkyşlarynyň çägi ýok.

**Oguldöwlet AMANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Türkmenistan – TÜRKSOÝ: medeni hyzmatdaşlygyň täze nusgasy

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Türkmenistan bilen Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) arasyndaky gatnaşyklar aýratyn ähmiýete eýe boldy. Türki döwletleriň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak ugrunda giň tagalla edýän Türki medeniýetiň halkara guramasy 2023-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli 2024-nji ýyly «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etdi. Şeýle hem bu gurama tarapyndan 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» hökmünde gadymy Änew şäheri saýlanyp alyndy.



Bu taryhy wakalar Türkmenistan bilen TÜRKSOÝ-yň arasyndaky gatnaşyklary täze derejelere çykardy. Mart aýynda ýurdumyzda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» hökmünde saýlanyp alnan Änew şäherindäki dabaralara badalga berildi.

Golaýda Türkiýe Respublikasynyň Ankara şäherinde «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy» ýylynyň dabaralaryna badalga berildi. Oňa ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleri hem gatnaşdy. Bu dabaralar beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýiniň bellenýän ýylynda meşhur söz ussadynyň belent ynsanperwer taglymlara ýugrulan döredijilik mirasynyň diňe bir türki dilli halklaryň däl, eýsem, bütin adamzadyň bahasyna ýetip bolmajak hazynasydygyny tassyklady.

Türki dünýäsinde döredilen ilkinji hyzmatdaşlyk guramasy bolan Türki medeniýetiň halkara guramasy bolan TÜRKSOÝ 1993-nji ýylda Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Türkmenistan we Türkiýe Respublikasynyň medeniýet ministrleri tarapyndan gol çekilen şertnama esasynda döredildi. Türki dünýäsinde we dünýä derejesinde medeni hem döredijilik äleminiň arasynda hemişelik hyzmatdaşlygy üpjün edýän TÜRKSOÝ-yň işi döredilen gününden bäri agza ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň howandarlygynda amala aşyrylyp gelinýär.

Türki Döwletleriniň Guramasy, Halkara Türk akademiýasy we beýleki türki döwletleriň gurama düzümleri TÜRKSOÝ bilen utgaşyklylykda işleýän guramalardyr. Bu gurama ÝUNESKO we beýleki halkara guramalar, uniwersitetler we hökümete degişli bolmadyk guramalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.

**Kakamyrat SOLTANOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## Internetiň döredilen güni bellenildi

30-njy aprelde Ýewropanyň ylmy barlag guramasynda (CERN) «World Wide Web»-iň (dünýä ýaýran tor) köpçülige hödürlenmegi bilen baglanyşykly çäre geçirildi. 1990-njy ýylyň 12-nji noýabrynda iňlis inženeri Tim Berners-Liniň döreden bu tehnologiýasy 1993-nji ýylyň 30-njy aprelinde köpçülige hödürlenýär. Ilkinji web sahypasy 1991-nji ýylyň 6-njy awgustynda döredilýär.



Inžener bu taslamasyny 1989-njy ýylda durmuşa geçirip başlaýar. Onuň işläp taýýarlan HTML ýşarat dili ilkibaşda maglumatlary biri-birine birikdirilen tor arkaly paýlaşmaga mümkinçilik beripdir. Dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň we alymlarynyň arasynda ylmy maglumatlaryň ýaýradylmagy üçin işlenip taýýarlanan bu ulgam 1993-nji ýylda köpçüligiň hyzmatyna hödürlenýär.

**Aýgül HAJYNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Balkan welaýat birleşmesiniň derňewçisi.*

## 2035-nji ýyla çenli kömür beketleri ýapylar



Dünýäniň ösen 7 ýurduny emele getirýän G7 döwletleri 2035-nji ýyla çenli kömür bilen işleýän elektrik beketlerini ýapmagy maksat edinýär. Italiýanyň Torino şäherinde bu meselä bagyşlanan ministrler derejesindäki ýygnaga ýolbaşçylyk eden ýurduň energetika ministri Jilberto Piketto Fratin kömrüň ulanylyşynyň tapgyrlaýyn ýagdaýda azaldyljakdygyny mälim etdi. Gazylyp alynýan energiýa serişdeleriniň arasynda daşky gurşawa iň köp zyýan ýetirýäni kömür hasaplanýar. G7 ýurtlarynyň arasynda Ýaponiýa we Germaniýa elektrik energiýasynyň üçden birine golaýyny kömürden alyp, bu önümi iň köp sarp edýän ýurtlar hasaplanýar.

**Göwher AMANJAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Öňdebaryjy sungatyň özboluşly görnüşi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde eziz Watanymyzyň medeniýeti düýpli esasda öwrenilýär. Gadymy döwürlerden bäri türkmen medeniýeti çeper senetleriň ösüşindäki naýbaşy esaslary özünde jemläpdir. Türkmen halkynyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny mynasyp şöhlelendirýän milli dizaýn sungatymyz munuň aýdyň mysalydyr. Türkmen halkyny tutuş Ýer ýüzüne şöhratlandyran bu sungatyň ähmiýeti döwlet hem halkara derejesinde juda wajypdyr. Bu babatda Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginiň alyp barýan giň gerimli işleri bellenmäge mynasypdyr.

Dizaýn sungaty dünýä taryhynyň ähli sahypalaryndan eriş-argaç bolup geçýär. Adamzat jemgyýetiniň döremegi bilen, gadymy döwürlerden başlap adamzadyň ýaşaýşynyň ähli şertlerinde şekillendiriş sungatynyň bu görnüşi ulanylyp gelinýär. Şeýlelikde, dizaýn adamzat durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

XXI asyrda adamzat ýaşaýşynyň dünýäniň adamzat jemgyýetiniň köptaraplaýyn ösüşine iň köp ulanylýan sözleriň biri «dizaýn» sözi bolup durýar. Onuň sebäbi durmuşda ulanylýan iň ýönekeý zatlardan başlap, daşky gurşawda, iş ýerinde, öýde ulanylýan, önümçilikde öndürilen ýokary hilli dizaýn önümleri bolup durýar.

Uzak ýyllaryň dowamynda sungatyň bu görnüşini dizaýn sözüni ulanman, ol önümleri diňe «bezeg»



ýa-da «tehnikanyň estetikasy», çeper konstruirlemek, «önümçilik sungaty», «senagat sungaty» ýaly sözleri ulanyp aňlatmak isläpdirler. Emma ol sözleriň hiç birisi hem sungatyň bu görnüşini sözüň doly manysynda aňladyp bilmändir. Ýöne häzirki zaman ylmynda «dizaýn» sözüni iňlis dilinden terjime edilen ýagdaýynda «taslama» ýa-da «proýektirlemek, taslamalaşdyrmak» ýaly manylary aňladýar. Mälim bolşy ýaly, iňlis dilinde bu söz hem at, hem işlik hökmünde ulanylýar. Şol esasda hem, ol hem başlamagy, hem-de tamamlamagy, işiň dowamlylygyny we ahyrky önümi aňladýar.

Biziň döwrümizde dizaýn – özbaşdak döredijilik işi bolmak bilen, aýry-aýry şahsyýetleriň döredijilik hyjuwy dizaýn sungatynyň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Dizaýnyň düýp özenine düşünmek şekil bilen mazmunyň ýerine ýetirýän wezipesine göz ýetirmegi, galyberse-de, dizaýn sungatynyň teswir, pikir, nukdaýnazar we jemgyýetçilik jogapkärçiligidigine hem düşünmegi aňladýar.

Ýurdumyz tarapyndan kömek berilmegi esasynda, dürli kärlerde işläp ýören dizaýnerleriň, binagärleriň we suratkeşleriň arasynda guramaçylyk işleri geçirilýär. 1988-nji ýylda Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginiň gurultaýy geçirilýär. Ol gurultaýda birleşigiň düzgünnamasy tassyklandy hem-de Dizaýnerler birleşiginiň prawleniýesi saýlandy. Şol birleşigiň ilkinji agzasy, meşhur türkmen dizaýneri Ö.Mämmetnurow bolup, Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginiň başlyklygyna saýlanýar.

Häzirki wagtda türkmen dizaýnerleri döredýän dizaýn eserlerine daşky gözellik bilen birlikde, goşmaça häsiýetleri hem siňdirýärler. Hut dizaýnerleriň işlerinde her bir predmete töwerekleýin we ulgamlaýyn çemeleşmegiň manysy jemlenýär. Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginiň tejribeli agzalary şu günlerde uly işleri durmuşa geçirýärler. Şol sebäpli-de, türkmen halkyny tutuş Ýer ýüzüne şöhratlandyran bu sungatyň ähmiýeti döwlet hem halkara derejesinde juda wajypdyr. Muňa mysal edip, Dizaýnerler birleşiginiň daşary ýurtlarda geçirilýän sergilere we festiwallara gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýandyklaryny görkezmek bolar. Ýurdumyzda we daşary ýurtlarda dizaýn sungaty boýunça milli äheňli sergileriň yzygiderli guralmagy dizaýnyň iň gowy nusgalaryny ýüze çykarýar. Olaryň ýerine ýetirýän döwrebap nepis eserleri ýokary derejede bahalandyrylýar.

**Selim RASULOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyby.*

## Hytaý bazarynda öňe geçdi

«Huawei» kompaniýasy bäsdeşi «Apple»-den öňe geçip, hytaý bazarynda iň köp telefon satýan brend boldy. «Canalys» kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, bu kompaniýa «Pura 70» seriýasyna degişli telefonlara bolan islegiň ýokary bolmagy bilen smartfon bazaryndaky ornuny berkitdi. Ýylyň birinji çärýeginde Hytaýda jemi 67,7 million telefon satylyp, şonuň 11,7 millionyny «Huawei» smartfonlary emele getiripdir. Şeýlelikde, ýerlenen telefonlaryň 17 göterimi bu kompaniýa degişli bolupdyr.



«Huawei»-iň satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 70 göterim artypdyr. Birnäçe ýyldan bäri Hytaýda iň köp smartfon satýan kompaniýa bolan «Apple»-iň satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 25 göterim azalyp, bäşinji orna düşüpdir. Şeýlelikde, kompaniýanyň bazardaky paýy 20 göterimden 15 göterime düşüpdir. «Oppo» ikinji, «Honor» üçünji we «Vivo» dördünji bolupdyr.

**Laçyn AŞYROWA,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Sagdyn ýaşamaga ýardam edýän ýörelgeler

Geçirilen barlaglarda gündelik endikleriň sagdyn ömür sürmäge ýardam edýändigi bellenilýär. Maşk etmegiň, kadaly iýmitlenmegiň, ukyňy ýeterlik almagyň we temmäki önümlerinden daşda durmagyň sagdyn ýaşaýşa görnetin täsir edýändigi ýüze çykaryldy. Şotlandiýanyň Edinburg hem-de Hytaýyň Çžeszýan uniwersitetleriniň lukmançylyk fakultetleriniň bilermenleri giň gerimli barlag geçirdiler. 350 müňden gowrak adamyň gatnaşmagynda geçirilen barlagda ýokardaky dört ýörelgä eýerýänleriň sagdyn ýaşaýandygy, eýermeýänleriň bolsa, kesele köp sezewar bolýandygy mälim edildi. Bu ýörelgleriň genetik taýdan sagdyn bolmadyk we uzak ýaşamaýan adamlar üçin hem peýdalydygy bellenildi.

Bütindünýä düwnük keseli boýunça barlag gaznasynyň hünärmeni Mett Lambert bu täze barlagyň genetik faktorlara garamazdan, kadaly iýmitlenmegi we işjeň hereketde bolmagy öz içine alýan sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegiň uzak ýaşamaga ýardam edýändigini görkezýändigini aýtdy. Şeýle hem bilermen bu ýörelgelere eýermegiň düwnük keseliniň öňüni alýandygynyň ozaldan mälimdigini belledi.

**Gurbandurdy ORAZOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# Nusgawy şahyra bagyşlanan täze kitap neşir edildi

«Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hakynda» Karara laýyklykda, 2024-nji ýylyň ilkinji günlerinden başlap, Watanymyzda we daşary ýurtlarda beýik söz ussadynyň adamzadyň ruhy medeniýetiniň hazynasyna giren



hem-de ýaşlarda ýokary ahlaklylyk, ynsanperwerlik, watançylyk duýgularyny terbiýelemegiň milli mekdebiniň binýadyny emele getirýän baý edebi mirasyny öwrenmek, bütin dünýäde wagyz etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Şanly sene mynasybetli Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary tarapyndan, Türkiýede, Azerbaýjanda, Gruziýada, Ukrainada, Özbegistanda, Gyrgyzystanda, Rumyniýada, Russiýada, Koreýa Respublikasynda, Ermenistanda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Ýaponiýada, Eýranda, Pakistanda, Hindistanda, Germaniýada, Ispaniýada, Beýik Britaniýada ylmy maslahatlar, döredijilik hepdelikleri, duşuşyklar, filmleriň we wideoşekilleriň görkezilişleri, edebiýat agşamlary we bäsleşikler guraldy.

Mälim bolşy ýaly, ýakynda Ankarada Türkmenistanyň ylym, medeniýet we sungat işgärleriniň wekiliýetiniň gatnaşmagynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ylmy we medeni çäreler, şeýle hem hormatly Prezidentimiziň «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.




Bu çäreden sanlyja gün soňra bolsa Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli Türkiýäniň Ýewraziýa Ýazyjylar Bileleşigi tarapyndan täze kitap neşir edildi. Kitap Emrah Ýylmazyň 10 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistanda, Özbegistanda we Türkiýede geçiren barlaglarynyň esasynda taýýarlandy.

**Bägül ATOWOWA,**
*Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Aşgabat şäher medenýet müdirliginiň merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## 100 uçar sargyt etdi



Hytaýyň «AirChina» kompaniýasy bu ýurtda öndürilýän «C919» uçaryndan 100 sanysyny satyn aljakdygyny mälim etdi. Awiakompaniýa ýolagçy uçarlarynyň her biri üçin 108 million dollar tölär. Sargyt edilen harytlar 2024-2031-nji ýyllar aralygynda gowşurylar. «AirChina» geçen ýylyň 25-nji dekabrynda uçary öndüriji COMAC-dan 6 sany «C919» hem-de gysga aralyga niýetlenen ARJ21 uçaryndan 11 sanysyny sargyt edipdi.

Mundan ozal «China Eastern» kompaniýasy 2021-nji ýylda 5 sany «C919» sargyt edipdi. Bu uçar bilen ilkinji ýolagçy gatnawy geçen ýylyň maý aýynda amala aşyrylypdy.

Köp bölegi Hytaýda öndürilýän uçaryň hereketlendirijisi amerikan kompaniýasyndan satyn alynýar. Uçar «Boeing 737» hem-de «Airbus 320» uçarlary bilen deňeçer bolup, şolar bilen bäsdeşlik etmek üçin öndürilýär.

**Hajymuhammet SAPADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Täze energiýaly ulaglar görkezilýär

Hytaýyň paýtagty Pekinde awtoulag sergisi geçirilýär. 18-nji gezek geçirilýän sergidäki ähli ulaglaryň diýen ýaly elektrik energiýasy bilen işleýändigini görmek bolýar. Dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň, şol sanda günbatarly kompaniýalaryň hem soňky tehnologiýaly önümlerini görkezýän sergisinde hytaý brendleriniň hem ulaglary az däl. 4-nji maýa çenli dowam etjek sergide jemi 278 sany täze energiýaly model görkezilýär.



Bu bolsa, arassa energiýa çeşmeleri bilen işleýän ulaglaryň awtoulag senagatyndaky ähmiýetiniň näderejede artýandygyny görkezýär. «Akylly» sürüş tehnologiýalary hem-de emeli aň tehnologiýasy bilen üpjün edilen ulaglar ýakyn geljekde ähli awtoulaglara mahsus aýratynlyk bolar.

**Annagül NURLYÝEWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# Saglygyň gadryny bilgil...

1 Ýurdumyzyň şypahanalary halkymyzyň hyzmatynda. Ýylyň dowamynda sypahanalarda saglygyňyzy berkidip bilersiňiz.

2 Sagdyn durmuş ýörelgesini alyp baryň, zyýanly endiklerden daşda duruň, bu babatda ösüp gelýän ýaş nesillere we ýetginjeklere görelde boluň, günüň dowamynda kompýuterler, smartfonlar we planşetler bilen az wagtlyk meşgullanyň.

3 Işjeň hereketde bolup, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyň.

4 Ýiti respirator ýokanç keselleriň öňüni almak üçin bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, kadaly we sagdyn iýmitleniň. Witaminlere baý bolan önümleri iýiň, arassaçylyk düzgünlerini berk berjaý ediň, pasla görä geýniň. Antibiotik derman serişdelerini özbaşdak ulanmakdan saklanyň, keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny öz wagtynda alyň. Lukman Arkadagymyzyň bize peşgeş beren «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içiň. Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň.

5 Gün şöhlesi dogry peýdalanylanda bedende D witamini emele gelýär. Şonuň üçin Gün şöhlesinden ýerlikli peýdalanyň. Tomus paslynda bolsa, ýagny, tomsuň jowzaly günlerinde Günüň aşa ýiti şöhlesinden goranyň.



6 Iýmit zäherlenmeleriň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän talaplary dogry berjaý ediň, iýmitleri öý şertlerinde talabalaýyk saklaň.

7 Ýürek-damar, dem alyş ýollarynyň, howply täze döremeleriň, endokrin, nerw, iýmit siňdiriş, böwrek we peşew çykaryş ulgamynyň, görşüň peselmeginiň, gulak, burun, bokurdak, diş we agyz boşlugynyň keselleriniň öňüni almak üçin saglyk barlaglaryndan geçiň. Geçirilýän saglyk barlaglary keselleriň öňüni almaga gönükdirilen iň möhüm çäreleriň biri bolup durýar.

8 Ýeriň magnit hadysasyna we howanyň üýtgäp durmagyna duýgur adamlaryň, dowamly we ýürek-damar, nerw kesellerden ejir çekýän näsaglaryň howa maglumatlaryna we öz saglygyna ünsli bolmagy maslahat berilýär. Howanyň täsiri bilen saglygyň erbetleşmegi ýüze çykanda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň we lukmanyň beren maslahatyny doly we dogry berjaý ediň.

9 Ruhy sagdynlygy goramak üçin nerw dartgynlygyndan gaça duruň.

10 Ýurdumyzda enäniň we çaganyň saglygyny goramak boýunça «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek» atly Milli strategiýasy hereketde. Çaganyň sagdyn we kadaly ösmegi üçin ene süýdi örän peýdalydyr. Onuň düzüminde körpäniň beden we akyl taýdan kadaly ösmegi üçin ýokumly maddalar bolup, ony hemmetaraplaýyn goraýandyr.

11 Häzirki zaman lukmançylygynda näsaglary bejermekde we olaryň janyny halas etmekde netijeli usullaryň biri gan we ondan öndürilýän, ganyň ýerini tutujy serişdelerdir. Sagdyn adamlar lukman bilen maslahatlaşyp gan donary bolup bilerler.

12 Dürli öý haýwanlaryny weterinariýa gözegçiliginden geçirip, yzygiderli degişli sanjymlary almaly. Olary elläniňden soň eliňizi sabynlap ýuwmaly. Zäherli mör-möjekleriň, ýylanlaryň çakmasyndan ägä bolmaly, özüňi goramaly, öz-özüňe we daş-töwerekdäkilere kömek etmeli.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 3-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113912

Belgisi: 18/1584
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Nebitgaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Daşary ýurtly maýadarlara, iri halkara nebitgaz kompaniýalarynyň wekillerine ägirt uly «Galkynyş» gaz känini işläp taýýarlamagyň, TOPH gaz geçirijisini gurmagyň, gury ýerde nebiti we gazy çykarmagyň, Hazar deňziniň türkmen bölegindäki ýataklary, gaýtadan dikeldilýän energetikany özleşdirmegiň geljekki tapgyrlary barada içgin maglumatlar berildi. Uglewodorod serişdelerini gazyp almakda we metan zyňyndylaryny azaltmakda ekologiýa meselelerine aýratyn üns berildi.

Energiýa serişdelerini ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, energetika ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek nukdaýnazaryndan tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýän Türkmenistanyň gor mümkinçilikleri boýunça öňdeligi eýeleýän iri «Galkynyş» gaz känini aýdyň mysal hökmünde görkezmek bolar. Geçirilen soňky audite görä, bu gaz käniniň gory 27 trillion kubmetrden hem köpdür. Forumda edilen çykyşlarda ýurdumyzyň günorta-gündogaryndaky bu iri gaz käniniň özleşdirilmegi barada maglumatlar beýan edildi. Bu ýatagy özleşdirmegiň birinji tapgyry Hytaýa ýylda 30 milliard kubmetr gazyň eksport edil-




megini yzygiderli üpjün edýär. Üpjünçiligi 25 milliard kubmetr artdyrmak üçin ikinji tapgyrdan peýdalanmak meýilleşdirilýär. Şeýle hem gaz käniniň üçünji tapgyry ýylda 33 milliard kubmetr kuwwatlylygy bolan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçiriji taslamasy üçin gymmatly çeşme bolar. Şeýle hem gaz känini ýene-de birnäçe tapgyrlarda özleşdirmek mümkinçiligi barada gürrüň edildi.

Mundan başga-da, bu forumda Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) transmilli gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmegiň barşy barada gürrüň edildi. Türkmenistan taslamany halkara hukugyna laýyklykda durmuşa geçirýär. Geljekde taslamanyň ünsi Owganystanda «Hyrat» stansiýasy» Strategiýasyna gönükdiriler. Ol howanyň hapalanmagynyň derejesini peseltmegiň hasabyna daşky gurşawy goramakda möhüm orun eýelär. Şol bir wagtda ol jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmäge we taslamany mundan beýläk hem ilerletmäge ýardam eder. Mundan başga-da, ol irki tapgyrlarda girdejiniň gelmegini üpjün eder we maýadarlaryň ynam derejesini artdyrar.

Gurluşygy tamamlanandan soň, TOPH gaz geçirijisi energetika howpsuzlygyny berkitmek, şol bir wagtda halkara hukuk tejribesiniň iň ýokary standartlaryny berjaý etmek bilen sebit ösüşine täsir etmek bilen, Günorta Aziýanyň energetika ýagdaýyna düýpli täsir eder.

Umuman, Pariž şäherindäki göçme forum Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň öňünde durýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde, pudaga daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde, özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeň ösdürmekde möhüm ähmiýetli halkara çäreleriň biri boldy.

**Aýna GARRYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Türkmenistan – BMG: hyzmatdaşlygyň täze ugurlary kesgitlenýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýlelikde, ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasy bilen köp ugurly, netijeli gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şol gatnaşyklar soňky ýyllarda täze mazmuna eýe boldy.

Bitarap Türkmenistan BMG-niň ygtybarly hem-de jogapkärli hyzmatdaşy hökmünde netijeli hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmagy we giňeltmegi ugur edinýär. Üstünlikli durmuşa geçirilýän bilelikdäki maksatnamalar, meýilnamalar hem-de milli we umumy bähbitlere kybap gelýän ugurdaş taslamalar şol köpugurly hyzmatdaşlygyň netijesidir. Muny aprel aýyndaky wakalar hem aýdyňlygy bilen görkezýär.

Şu ýylyň 9-njy aprelinde geçirilen BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň mejlisinde Türkmenistan BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň 2025–2029-njy ýyllar üçin agzalygyna biragyzdan saýlandy. Türkmenistanyň bu komissiýa saýlanmagy Bitarap döwletimize toplan tejribesini paýlaşmaga, bilelikdäki teklipleri we çözgütleri işläp taýýarlamaga hem-de kabul etmäge gös-göni gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri hem ulag pudagydyr. Bu ugurda hem aprel aýynyň dowamynda iri çäreler guraldy. 2024-nji ýylyň 17-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisler otagynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen durnukly ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça Ýokary derejeli mejlis geçirildi. Ählumumy ulag gün tertibiniň meselelerini öňe sürmekde Türkmenistanyň işjeň orny durnukly ulagy ösdürmek çygrynda dünýä jemgyýetçiligi üçin wajyp ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň öňe süren başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň çäklerinde ilkinji gezek geçirilen ulag forumynda ulag infrastrukturasyny, aragatnaşyk tehnologiýalaryny ösdürmäge, bilermenleriň mümkinçiliklerini artdyrmaga we ulag pudagynda hyzmatdaşlygyň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň mukdaryny artdyrmak, multimodal ulag ulgamlaryny, ulag-üstaşyr geçelgelerini, halkara logistika merkezlerini ösdürmek we kämilleşdirmek babatda möhüm başlangyçlar öňe sürüldi.



Şeýle hem 16-njy aprelde BMG-niň baş edarasynda Türkmenistanyň başlyklyk etmeginde Durnukly ulagyň dostlary toparynyň ministrler derejesindäki ilkinji duşuşygy geçirildi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen döredilen Durnukly ulagyň dostlary toparynyň işi ählumumy derejede ulag ulgamyny kämilleşdirmekden ybaratdyr.

2024-nji ýylyň 22-nji aprelinden 24-nji apreline çenli döwürde ýurdumyzyň wekiliýeti Ösüşi maliýeleşdirmek pudagynda EKOSOS-yň forumyna gatnaşdy. Bu forum hem durnukly ösüşi gazanmakda möhüm ähmiýete eýedir. Mundan başga-da, ýurdumyz bilen BMG-niň arasynda alnyp barylýan giň gerimli hyzmatdaşlyk ynsanperwer ugurlarda hem netijeli dowam etdirilýär. 2024-nji ýylyň 29-30-njy aprelinde Türkmenistanyň wekiliýetiniň BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 57-nji mejlisine gatnaşmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Ilat ulgamynda gazanylan üstünlikler, sebitde hem-de dünýä derejesinde bu ugurda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin birnäçe teklipler we başlangyçlar öňe sürüldi.

Umuman, Türkmenistanyň halkara giňişlikde Durnukly ösüş maksatlary, öňüni alyş diplomatiýasy, derwaýys sebit meseleleri boýunça öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary yzygiderli goldanyp gelinýär. Şol teklipdir başlangyçlar esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy bilen 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», 2023-nji ýylyň «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly», 12-nji dekabryň «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip yglan edilmegi, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň döredilmegi ýurdumyzyň dünýäde syýasy durnuklylygy saklamak, oňa goldaw bermek, hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek işinde ygtybarly hyzmatdaşdygyny tassyklaýar.

**Nabat MEZILOWA,**
*B.Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň bölüm müdiri.*

# Mukaddes käre belent sarpa

Her bir ulgamda zähmet çekmegiň, ol ulgamyň işiniň ussady bolmagyň buýsançly bolşy ýaly, mugallymçylyk hünäriniň ussady bolmak hem buýsançlydyr. Mugallym bolmak oňa bolan söýgüden başlanýar. Bu hünär parasatlylygy, asyllylygy, sagdyn pikirlenip bilmegi, her bir zatdan degerli we adalatly netije çykaryp bilmegi talap edýän mukaddes kärdir. Mugallymçylyk käriniň ussady bolmak hut şulary talap edýänligi üçin hem belent sarpa eýedir.

Ýurdumyzda bilim ulgamynda alnyp barylýan syýasaty durmuşa geçirmekde çagalary okatmagyň häzirki zaman multimediýa-interaktiw tehniki enjamlaryny peýdalanmak bilen dünýä ölçeglerine laýyk gelýän bilim bermekligi ýola goýmak, çagalaryň tebigy zehinlerini, ukyplaryny ösdürmek umumybilim berýän orta mekdeplerde esasy maksat edilip goýulýar. Munuň mysalynda Aşgabat şäherindäki 76-njy ýöriteleşdirilen orta mekdepde hem öz işine ökde hünärmenleriň zähmet çekýändigini uly buýsanç bilen belläp geçmek gerek.

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly kitabynda: «Nesillerimizi ýetişdirmek bilen biz öz geljegimizi gurýarys. Bu meselede halypalaryň egnine juda mukaddes borç, edil şonuň ýaly hem, uly wezipe düşýär. Meniň bu ýerdäki halypalar diýýänim, ilkinji nobatda, ata-enelerdir, terbiýeçilerdir, mugallymlardyr, dürli ugurlardan öz işine ussat adamlardyr» diýip belleýär. Bu parasatly sözler her bir mugallym, terbiýeçi, her bir bilim işgäri üçin ruhlandyryjy güýç bolup, öz işiň ussady bolmaga söýgi döredýär.

Mugallym hemişe gözlegde bolup, guraýan sapaklarynyň täsirliligini yzygiderli artdyrmaly. Okuwçylara bilim bermek bilen bir hatarda, olaryň edep-terbiýesiniň talabalaýyk bolmagy ugrunda aladalanmak bilen, okuwçylary asylly maksatlara gönükdirmäge usully çe-



meleşmeli. Bu işleri amala aşyrmakda mugallym döwrebap tehnologiýalardan ýerlikli peýdalanmaly. Häzirki wagtda iň kämil tehnologiýalaryň sapakda ulanylmagy döwrüň talabyna laýyk, kämil şahsyýetleriň kemala gelmegini üpjün edýär. Şonuň ýaly-da, döwrebap mümkinçilikler mugallymlary has-da döredijilikli, yhlasly zähmet çekmäge höweslendirýär. Ýaş nesillere berilýän bilimiň hilini dünýä ölçeglerine ýetirmek, täze tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmak işi barha rowaçlanýar. Mugallymlar umumybilim berýän orta mekdeplerde geçirilýän sapaklaryň hil we usuly taýdan has kämilleşdirilmeginde, ýöriteleşdirilen ugurlaryň çuňlaşdyrylyp öwredilmeginde, okuwçylara bilim bermek işini kämil derejede guralmagyny gazanmakda öňdebaryjy işleri alyp barýarlar.

Mugallymçylyk käri uly hormata mynasypdyr, çünki mugallym Ýer ýüzündäki ähli ynsanlaryň halypasydyr. Kämil mugallymda ýokary hilli ylym-bilim bilen bir hatarda, ajaýyp ahlak sypatlary jemlenendir. Alkyş eýesi hasaplanýan mugallymçylyk käri – köpugurly, döredijilikli zähmeti talap edýär.

Bilim edaralarynda zähmet çekmäge girişen ýaşlara tejribeli hünärmenler we mugallymlar halypa hökmünde berkidilýär, edaranyň işi bilen tanyşdyrylýar. Halypa-şägirtlik ýörelgesine laýyklykda, ýaş bilim işgäriniň mynasyp tejribe toplamagy, alan bilimlerini diňe oňyn maksatlara gönükdirmegi, güýç-gaýratyny diňe talyplaryň, diňleýjileriň bähbidine sarp etmegi üçin oňa usuly kömek, maslahat we ýardam berilýär. Şeýlelikde, ýaş mugallym bilim bermek, ony ylma ugrukdyrmak ýaly asylly we jogapkärli wezipäniň abraý bilen hötdesinden gelmäge çalyşýar. Mugallymyň öňündäki wezipeler döwletiň hem jemgyýetiň öňündäki iň wajyp meseleler bilen baglydyr.

Ýaş neslimizi sagdyn we watançylyk ruhunda terbiýelemekde ýadawsyz tagallalar edýän, bize şeýle ajaýyp zamanamyzda netijeli işlemäge oňyn şertleri döredip berýän türkmen halkynyň milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Gülsoltan AŞYRDURDYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 76-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.*

# Binýady geçmişde bolan buýsançlarymyzyň beýany

Änew medeniýetiniň taryhy kökleri dogrusynda söhbet açanymyzda, ilki bilen, döwlet Baştutanymyzyň iň täze ýüze çykarylan taryhy maglumatlary özünde saklaýan «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynyň örän uly ähmiýetiniň bardygyny bellemelidiris. Bu kitapda Arkadagly Gahryman Serdarymyz dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine mynasyp goşant goşan türkmen halkynyň beýik medeni mirasy we onuň taryhy esaslary dogrusynda düýpli we ylmy esasly gürrüň edýär. Sebäbi döwlet Baştutanymyz, bu kitabyň ýazylmagyna dünýä belli arheologlaryň, taryhçylaryň we olar bilen bilelikde işleşmek bagty miýesser eden Gahryman Arkadagymyzyň beren gürrüňleriniň uly ýardam berendigini nygtaýar.

Hormatly Prezidentimiz kitabynda: «Bilýäniňi paýlaşdygyňça, bilelikde baýlaşýarsyň» diýip belleýär. Elbetde, dünýäniň ösüşleriniň ilerlemegine mynasyp goşandyny goşmagy başaran halkyň, milletiň taryhy buýsançlary dogrusynda bilýän maglumatlaryňy bilmeýänler üçin elýeterli etmek örän sogaply işdir. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Gadymy Änew adamzat taryhyndaky möhüm merkezleriň biridir.

Kitabyň girişinde türkmen halkynyň özboluşly taryhy-medeni mirasy, bu ugurda döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişi, daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda abraýly halkara guramalar we köp sanly beýleki ýurtlaryň öňdebaryjy ylmy merkezleri bilen netijeli hyzmatdaşlyk barada maglumat berilýär. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň iri ýöriteleşdirilen düzümi bolan ÝUNESKO, şeýle hem TÜRKSOÝ bilen hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesine, gazanylan üstünliklere aýratyn üns çekilýär. Eserde öňe sürülýän garaýyşlar onuň üç bapdan ybarat mazmunynda giňden beýan edilýär.

Birnäçe bölümden ybarat «Gadymy Änewiň täsinligi» atly bapda kökleri müňýyllyklara uzaýan şäheriň taryhy, binagärlik ýadygärlikleri barada berilýän gyzykly maglumatlar bilen tanyşmak diýseň gyzyklydyr. Änew medeniýetinden gürrüň berýän taryhy ýadygärlikleriň arasynda biziň günlerimizde bölekleýin hem bolsa saklanyp galanlaryň hatarynda XV asyrda bina edilen Seýit Jemaleddin ýadygärligi bar. Girelgesiniň ýüzi örän täsin, owadanlygy bilen tapawutlanýan mozaika bilen nagyşlanan metjit bu ýadygärlikler toplumynyň esasy desgalarynyň biridir. Bu metjidiň gurluşygy barada halk arasynda gadymy rowaýatlar bar.

1948-nji ýylda Aşgabatda bolup geçen ýertitreme zerarly bu binagärlik toplumy we metjit ýykyldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda geçirilen arheologik barlaglaryň netijesinde, syrçaly mozaikalaryň asyl nusgalary tapyldy we olar gaýtadan dikeldildi. Häzirki wagtda bu gymmatly tapyndylar Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde saklanylýar.

Şeýle hem bu bapda hormatly Prezidentimiz Änew şäheriniň ýaşy dogrusyndaky hem-de geçen asyryň ortalarynda arheolog Wadim Massonyň kakasy akademik Mihail Massonyň ýolbaşçylygyndaky Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasy (GTATE) tarapyndan adybir galanyň çäklerinde geçirilen gözlegleriň netijeleri baradaky maglumatlara ünsi çekýär. Kitapda ylmy maglumatlaryň, taryhy ýazgylaryň esasynda şäheriň ösüşi, ýerleşişi hem-de gurluşy barada gürrüň berilýär.

Gadymy Änew medeniýeti bilen bagly gürrüňler kitapda, neolit zamanynda (b.e.öňki VII-VI müňýyllyklarda) dörän we oba hojalygynyň ösüp başlan Jeýtun medeniýeti bilen utgaşyp gidýär. Hormatly Prezidentimiz bu maglumatlara öz kitabynda aýratyn bir bölüm bagyşlapdyr.

Eseriň «Taryhy birleşdirýän uly wakalar» atly babynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip at berlen 2024-nji ýylda ýurdumyzyň taryhynda ähmiýetli orun alan Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmeginiň, dünýäde meşhur şahsyýet, beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň ýokary derejede bellenilmeginiň türkmen halkynyň umumylyklaryny baglanyşdyrýandygy, Watan hakyndaky garaýyşlary baýlaşdyrýandygy bellenilýär. Änew dünýäniň maddy medeniýetiniň möhüm sahypasy bolsa, Magtymguly Pyragy dünýäniň ruhy medeniýetiniň ösüşine goşandyny goşan beýik şahyrdyr. Ata-babalarymyzyň häzirki günlerimize çenli gelip ýeten gymmatly mirasy sungat işgärleri üçin egsilmez ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär. Hut şunda hem döwürleriň arasyndaky arabaglanyşyk, nesilleriň dowamatlylygy öz aýdyň beýanyny tapýar.



Kitabyň nobatdaky babynda Ahal welaýatynyň edara ediş merkezi bolup durýan Änew şäheriniň şu güni barada söhbet edilýär. Häzirki döwürde bu ýerde toplumlaýyn özgertmeler ýaýbaňlandyrylyp, eziz Watanymyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen iri maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz iň ýokary döwlet wezipesine saýlanylýança bu sebitde toplan iş tejribesi barada gürrüň berýär.

Änewiň gözel ýerleri barada durup geçmek bilen, hormatly Prezidentimiz şeýle naýbaşy binalaryň biri hökmünde Milli «Ak bugdaý» muzeýini görkezýär. Gadymy




Änewiň taryhy depelerinde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan, bäş müň ýyl mundan ozal ösdürilip ýetişdirilen ak bugdaýyň däneleri bolsa muzeýiň naýbaşy we täsir galdyryjy gymmatlygydyr. Şöhratly ata-babalarymyzyň bu bereketli toprakda kemala getiren ekerançylyk däpleri häzirki döwürde täze mazmun bilen baýlaşdyrylýar.

Bu bapda türkmen halkynyň Milli Lideriniň iri megataslamany – Arkadag şäherini gurmak başlangyjynyň durmuşa geçirilmeginiň möhüm ähmiýeti bellenilýär. Mälim bolşy ýaly, geçen ýylda täze şäheriň birinji tapgyry dabaraly açyldy. Bu taryhy waka ýurdumyzyň ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazyldy. Köpetdagyň ajaýyp dag eteginde kemala gelýän täsin şähere kanun esasynda döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesi berildi.

Kitabyň jemlemesinde döwlet Baştutanymyz gadymy Änew medeniýetine, Gündogaryň beýik söz ussady we akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlanan çäreleriň hem-de dabaralaryň 2024-nji ýylyň ýyl ýazgysynda mynasyp orny eýelejekdigine, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrjakdygyna ynam bildirýär. Bu başlangyçlar pähim-paýhasyň ebediligini taryhyň mysalynda ýene bir gezek dabaralandyryp, ony dünýä ýaýar.

Giň okyjylar köpçüligine niýetlenen, türkmen, iňlis we rus dillerinde neşir edilip, öz okyjylaryna gowşan «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze kitabyň ýaşlar üçin uly terbiýeçilik hem-de öwredijilik ähmiýeti bar. Hormatly Prezidentimiziň bu ajaýyp eseri halkymyzyň şöhratly taryhyny hem-de baý medeni mirasyny öwrenmekde, giňden wagyz etmekde uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň köki taryhyň çuňluklarynda berk ornaşan gadymy Jeýtun medeniýetiniň özboluşly dowamy bolup kemala gelen Änew medeniýetiniň mertebesini şu günki nesillere we ertirki nesillere dabaralandyrýan bu ajaýyp kitabyndaky taryhy maglumatlar dünýä taryhçylary üçin hem gymmatly gollanmadyr.

«Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabyny ýazmak arkaly baý milli mirasymyzyň çuňňur öwrenilmegi, dünýäde wagyz edilmegi hem-de geljek nesillere ýetirilmegi babatda edýän taýsyz tagallalary üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.

**Tawus ESENMÄMMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Aşgabat şäherindäki Agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# Akyldaryň şygyrlary – dünýäniň ruhy-medeni gymmatlygy

Häzirki döwürde milli medeniýetimize, ene dilimize, nusgawy edebiýatymyza bolan buýsanç geçmiş mirasymyzy öwrenmäge ruhlandyrýar. Milli mirasy öwrenmekde Magtymguly Pyragynyň ajaýyp şygyrlary gymmatly hazyna bolup durýar. Çünki Magtymgulynyň goşgulary türkmen diliniň, edebiýatynyň baýlyklaryny özünde jemleýär.

Halkymyz şygryýet äleminiň ägirdi Magtymguly Pyragynyň döredijiligine uly sarpa goýýar. Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy durmuşyň dürli taraplary barada ajaýyp şygyrlary döretmek bilen, baý edebi mirasy galdyrdy. Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen akyldar şahyrymyzyň edebiýatyň altyn hazynasyna giren gymmatly edebi mirasy alymlar tarapyndan öwrenilýär.

Türkmen edebiýatyny Magtymgulusyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Çünki akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň akyla we nakyla öwrülen, pähim-parasada, çuňňur filosofiýa, watançylyga ýugrulan şahyrana döredijiligi türkmen edebiýatynyň dünýädäki şöhratyny artdyrdy. Şahyryň dür dänesine deňelýän şygyrlary dost-doganlyga, parahatçylyga çagyryş bolup dabaralanýar. Halkymyzyň ýüreginde baky orun alan akyldaryň çuňňur pikirleri, ynsanperwer garaýyşlary bütin adamzat üçin ýörelgä, gymmatly hazyna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, «Akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň eserleri bu gün türkmen kalbynyň owazy bolup, dünýä ýaň salýar».

Şahyryň ömri, durmuşy, ýaşan döwri, döredijiligi hakynda ençeme ylmy işler ýazyldy, kitaplar çap edildi. Alymlar şahyryň goşgularyna ýüzlenip, şol goşgular esasynda öz garaýyşlaryny beýan etdiler. Türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragy diňe bir çeper eserlerdir ylmy işlerde däl-de, şekillendiriş sungatynda hem öz mynasyp ornuny tapdy. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň heýkeli dünýäniň birnäçe ýurdunda goýuldy. Bu bolsa türkmen akyldaryna goýulýan uly hormatyň aýdyň nyşanydyr.

Belarus ýazyjysy Maksim Tank: «Poeziýa we edebiýat belentliklerinde Magtymgulynyň nusgawy eserleri howalanyp dur. Men Magtymgulyny bagyş eden bu halkyň öňünde baş egýärin» diýip belleýär. Hakykatdan hem, akyldar şahyrymyzyň döredijiligi dünýä älemini haýrana galdyrýar.

Akyldar şahyrymyzyň şygyrlary diňe bir Aziýa döwletlerinde däl, Ýewropa ýurtlarynda hem giňden öwrenilýär. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde nemes alymlary Zigrid Klýaýnmiheliň «Magtymgulynyň «ýagşy» refren sözli şygyrlary», Wolfgang Gýunter Lerhiň «Magtymguly Pyragy - türkmeniň milli şahyry», Wolfgang Brettiň «Magtymgulynyň zamanasy» işlerini, wenger alymy H. Wamberiniň «Türkmenleriň dili we Magtymguly Pyragynyň diwany» atly makalalar ýygyndysyny görkezmek bolar.

Şahyryň ömri we döredijiligi baradaky maglumatlar eýýäm XIX asyryň ortalarynda Ýewropa ýurtlaryna aralaşyp başlady. Muňa mysal edip, polýak ýazyjysy A. Hodzko-Boreýkonyň London şäherinde 1842-nji ýylda çap etdiren işini göz öňünde tutmak bolar. XIX asyryň ikinji ýarymyndaky Magtymguly bilen baglanyşykly ýazylan işler bu ugurdaky başlangyçlar boldy. Magtymguly Pyragynyň ylmy terjimehalyny we döredijiligini yzygiderli öwrenmek işi sözüň doly manysynda XX asyrda başlandy. Bu ugurda türkmen edebiýatyny öwrenmeklige uly goşant goşan rus alymy akademik A.N.Samoýlowiçiň hyzmaty ýörite bellenilmäge mynasypdyr.

**Aýna NURÝAGDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň bölüm müdiri.*



# Magtymguly Pyragy – öz zamanasynyň beýik waspçysy

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary, öňdengörüjilikli başlangyçlary netijesinde öz eserlerinde edep-terbiýäniň ummasyz gymmatlyklaryny jemleýän Magtymguly Pyragynyň adynyň arşa galdyrylmagy, beýik şahyryň taglymatlarynyň okuw-terbiýeçilik işlerine ornaşdyrylmagy etnopedagogika ummasyz goşantdyr. Magtymguly Pyragynyň döredijilik älemi baý we köptaraplydyr. Magtymgula çenli bolan türki dilli edebiýatda, şol sanda türkmen edebiýatynda hem umumy halk durmuşy suratlandyrylmandyr. Magtymgulynyň ähli şygyrlarynda halkyň aladasy ýatyr. Oňa beýik şahyryň goşgularyny okan islendik okyjy aňsatlyk bilen göz ýetirýär. Şahyr «Arşy-aglaýa», «Aly siziňdir» atly goşgularynda halkyň asudalygyny arzuwlaýar we bu pikiri ündeýär:

***Ýomut, gökleň täsip edip özünden,***
***Çekdi goşun, öňi-ardy bilinmez.***
***Sygmaý çykdy deşti-Dahhan düzünden***
***Ýörän ýoly, gonan ýurdy bilinmez.***

Şonuň üçin Magtymguly Pyragy ähli türkmen taýpalarynyň birleşmelidigine göz ýetirip, olary agzybirlige çagyrýar. Muňa şahyryň «Döker bolduk ýaşymyz» atly şygry arkaly aýdyň göz ýetirip bolýar. Şundan görnüşi ýaly, türkmen edebiýatynyň taryhynda Magtymguly ilkinji bolup türkmen halkyny birleşdirmek, özbaşdak döwlet gurmak meselesini gozgaýar:

***Türkmenler baglasa bir ýere bili,***
***Gurudar Gulzumy, derýaýy – Nili,***
***Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili,***
***Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz.***

Şahyr öz döwrüniň, ýaşaýan zamanasyny beýan edip, özbaşdak döwlet gurmaly diýen taryhy netijä gelýär. Beýik şahyryň ähli türkmen halkyny birleşdirmek, özbaşdak döwlet gurmak pikiri «Türkmeniň», «Türkmen binasy» atly goşgularynda aýdyň ýüze çykýar.

***Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, Ahal ili bir bolup,***
***Kylsa bir jaýga ýörüş, açylar gül lälesi.***

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň özünden ozalky şahyrlaryň goşgularyndan esasy aýratynlygy olarda anyk taryhy ýagdaýlaryň beýan edilmegidir. Şahyr öz zamanasynyň anyk wakalaryny suratlandyrýar.

XVIII asyr türkmen edebiýatyna uly özgerişligi getiren Pyragynyň döredijiligi ondan soňky şahyrlar üçin özboluşly mekdebe öwrülipdir. XIX asyr we ondan soňky döwür türkmen edebiýatynyň wekilleri Magtymguludan edebiýaty halka ýakynlaşdyrmagy, ýaşaýan zamanasyndaky halkyň syýasy-durmuşyny beýan etmegi, halkyň dil baýlygyny özleşdirmegi öwrenipdirler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli edebiýatymyzy öz milli ýolumyz bilen ösdürip, ony dünýäniň ösen edebi çeşmeleriniň hataryna goşmak üçin düýpli aladalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan işleri rowaç bolsun!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **100 müň awtoulag çykarar.** «Xiaomi»-niň ýolbaşçysy Leý Szýun kompaniýanyň 2024-nji ýyl üçin resmi meýilnamasyny yglan etdi. Ol «Xiaomi Auto» bölüminiň 100 müňden gowrak «Xiaomi SU7» çykarmagy maksat edinýändigini aýtdy. Häzirki wagtda «Xiaomi Auto» ýurduň 29 şäherinde 59 dükan açdy.



► **Täze önümlerini tanyşdyrar.** «Apple» kompaniýasy 7-nji maýda täze önümlerini tanyşdyrar. Öňde boljak wakanyň tizerinde «Apple Pencil» galamy şekillendirilen. Şeýle-de bolsa, çärede haýsy enjamlaryň hödürlenjekdigi we olaryň bahasy barada jikme-jik maglumatlar bildirişde görkezilmeýär.



► **Aýyň suratlaryny iberdiler.** Hytaýyň mart aýynda uçurylan «Tiandu» atly iki hemrasy Aýyň arka ýüzüniň suratlaryny üstünlikli ugradyp, aragatnaşyk we nawigasiýa tehnologiýalarynyň ilkinji synaglaryny geçirdiler. Enjamlar Aýyň daşyndan aýlanýar we dürli aragatnaşyk we nawigasiýa enjamlary bilen enjamlaşdyrylandyr.



► **Birnäçe sekuntda zarýad alýar.** Koreýanyň Ylym we tehnologiýa institutynyň alymlary sanlyja sekuntda zarýad alyp bilýän we ýokary kuwwatlylygy bolan natriý-ion gibrid batareýasyny (SIHES) döretdiler. Alymlar täze batareýanyň smartfonlardan başlap elektrik ulaglaryna çenli dürli enjamlarda ulanylyp bilinjekdigine ynanýarlar.



► **Heýkeliň bölegini gaýdyp berdi.** Ýaşy 3,4 müň ýyl bolan faraon Ramzes II heýkeliniň bir bölegi Müsüre gaýtarylyp getirildi. Heýkeliň bölegi 1990-njy ýylda gadymy Abidos şäherindäki ybadathanadan äkidilip, Şweýsariýa ugradylan eken. Ramzes II biziň eýýamymyzdan öňki 1279-1213-nji ýyllarda Müsürde hökümdarlyk edipdir.



► **Karawajonyň soňky kartinasy.** Londonyň Milli galereýasynda «Iň soňky Karawajo» sergisi geçirilýär. Sergide italýan suratkeşi Karawajonyň (1571-1610) dürli eserleri, şeýle hem suratkeşiň iň soňky çeken suraty hasaplanýan «Keramatly Ursulanyň görgüsi» kartinasy görkezilýär. 18-nji aprelde başlan sergi, 21-nji iýula çenli dowam edýär.



► **Gymmada giden kartina.** Awstraliýaly suratkeş Gustaw Klimtiň (1862-1918) «Froýlýaýn Lizeriň portreti» Wena auksionynda näbelli satyn alyjy tarapyndan 30 million ýewro satyn alyndy. 100 ýyldan soň tapylan bu eser Gustaw Klimtiň iň soňky eseridir. Onda senagatçy Adolf Lizeriň gyzy şekillendirilýär.



► **Uzak ýaşamagyň syryny açdy.** ABŞ-nyň Nýu-Jersi ştatynyň 110 ýaşly ýaşaýjysy Winsent Dransfild uzak ýaşynyň syryny sagdyn iýmitlenendigi we köp süýt içendigi bilen düşündirdi. 60 ýyllap awtoulag ussasy bolup işlän Dransfild ýetginjekkä süýt fermasynda işländigini we süýt-gatygy köp içmeginiň uzak ýaşamagyna sebäp bolandygyny gürrüň berdi.



► **Rekordlar kitabyna girdi.** Slowakiýada ýaşaýan ukrainaly Aliýa Nasyrowa 2 metr 57 santimetre ýetýän uzyn saçy bilen Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Modelýer gyzyň boýy 1 metr 65 santimetre deň. Aliýanyň aýtmagyna görä, şeýle uzyn saçyň eýesi bolmagyna ejesi hem-de multfilmiň gahrymany Rapunsel ylham beripdir.



► **Ülje şerbetli çüýşeler tapyldy.** Wirjiniýa ştatynyň Maunt-Wernon şäherinde ABŞ-nyň ilkinji Prezidenti Jorj Waşingtonyň köşgüniň durky täzelenende, arheologlar binanyň ýerzemininiň gizlin ýerinde saklanyp galan iki çüýşe üljeli şerbetiň üstünden bardylar. Şerbetli çüýşeler 250 ýyl töweregi el degrilmän saklanyp galypdyr.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1905-nji ýylyň 3-nji maýynda amerikaly «Parker Pen» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Jorj Parker mehaniki syýa ýygnamak üçin rezin haltajygy bolan ilkinji ýazuw awtoruçkasyna patent aldy. Bu awtoruçkany ulanmagyň oňaýlylygyny ep-esli ýokarlandyrdy. Şoňa çenli ruçkalara damdyrgyç bilen syýa guýulýardy.**



## Ykdysady forumyň ýörite mejlisi

28-29-njy aprelde Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda halkara hyzmatdaşlyga, ösüşe we energiýa pudagyna bagyşlanan Bütindünýä ykdysady forumynyň (WEF) ýörite mejlisi geçirildi. Mejlisde döwlet we hususy pudaklardan, halkara guramalardan, hökümete degişli däl guramalardan, akademiýalardan we raýat jemgyýetlerinden 700-den gowrak ýurduň wekilleri gatnaşdy. Forumyň işi halkara hyzmatdaşlygy janlandyrmak we ösüşdir özgerişliklere päsgel berýän häzirki döwrüň kynçylyklaryny çözmek maksady bilen ýurtlaryň arasyndaky gepleşikleri işjeňleşdirmäge gönükdirildi.

– Biz bu gün dünýäniň köp üýtgeşmelere sezewar bolýan wagtynda, ykdysadyýetlerimiz, jemgyýetlerimiz we pudaklarymyz görlüp-eşidilmedik derejede kynçylyklar, şol bir wagtyň özünde bolsa, ägirt uly mümkinçilikler bilen ýüzbe-ýüz bolýan döwründe bir ýere jemlenýäris – diýip, Saud Arabystanynyň ykdysadyýet we meýilleşdiriş ministri Feýsal ben Fadl al-Ibragim ýörite mejlisiň açylyş dabarasynda aýtdy. Ol sözüniň dowamynda hemmeleriň eşreti üçin işleýän dünýä ykdysadyýetine global derejede gatnaşmagyň ähmiýeti barada durup geçdi.




Bütindünýä ykdysady forumynyň başlygy Borge Brende häzirki mejlisi sebit we halkara meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin möhüm platforma diýip atlandyrdy. Forumyň ýörite mejlisi daşky gurşaw, sanly ykdysadyýet, emeli aň, sungatyň jemgyýetdäki orny, häzirki zaman telekeçiligi we «akylly» şäherler barada özara pikir alyşmaga giň mümkinçilik döretdi.

## Daşky gurşawyň goragynda

175 ýurda wekilçilik edýän gepleşiklere gatnaşyjylar Kanadanyň paýtagty Ottawada ýygnanyp, ummanlaryň we howanyň plastik bilen hapalanmagyna garşy göreş boýunça global şertnamany baglaşmaga gönükdirilen gepleşikleri geçirdiler. Alymlaryň aýtmagyna görä, häzirki wagtda plastik bilen hapalanma dag gerişlerinden başlap, ummanlaryň jümmüşine çenli planetamyzyň ähli künjegine, hatda, adamzadyň biologik çäklerine hem aralaşyp ugrady.




– Biz plastik bilen hapalanmakdan azat bolan geljegi gurmak üçin zerur çäreleri we halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge gönükdirilen täze şertnamany baglaşmagy maksat edinýäris – diýip, BMG-niň howandarlygynda geçirilen gepleşiklere ýolbaşçylyk eden Luis Waldiweso aýtdy.

Global gerimde plastik bilen hapalanmaga garşy göreş boýunça anyk çäreleri göz öňünde tutýan borçnamalar 2024-nji ýylyň ahyryna çenli doly işlenip düzüler. Emma hakyky işler indi başlandy. Ottawadaky häzirki maslahat aýratyn ähmiýete eýe bolup, şu ýylyň ahyrynda Koreýa Respublikasynda meýilleşdirilýän gepleşikleriň jemleýji tapgyryndan öň guralýar.

Halkara şertnamanyň baglaşylmagynyň zerurlygy barada giňişleýin ylalaşyga garamazdan, 2040-njy ýyla çenli plastik önümçiligiň 75 göterim azaldylmagyny goldaýan daşky gurşawy goraýjylar nebit çykarýan hem-de plastmassa senagatyna eýe bolan ýurtlara öz tekliplerini hödürleýärler. Çünki soňky iki onýyllygyň dowamynda ýyllyk plastmassa önümçiligi iki esse artyp, 460 million tonna ýetdi. Çaklamalara görä, geljek 20 ýylyň içinde onuň üç esse artmagyna garaşylýar. Emma ummanlaryň we howanyň plastik bilen hetdenaşa hapalanmagy çynlakaý netijelere getirip biler.

## Mona Liza aýratyn otag berler

Fransiýanyň Luwr muzeýinde meşhur italýan suratkeşi Leonardo da Winçi tarapyndan çekilen Mona Lizanyň portretini görmek üçin, ilki nobata durmaly, soňra bolsa, bu ajaýyp eseri synlamak üçin sähel salym wagt berilýär. «Euronews»-yň habaryna görä, golaýda muzeýiň ýolbaşçylary portrete aýratyn otagyň zerurdygyny mälim etdiler.

Her ýylda 10 milliona golaý adam Mona Lizany görmek üçin Pariže gelip, iki sagatdan gowrak wagt nobata durýar. Bu dünýäniň iň köp görülýän sungat eserleriniň biridir. Sungaty söýýänler ahyrsoňy Mona Lizanyň portretiniň asylgy duran zalyna ýetenlerinde, ony aýdyň görüp bilmeýändiklerine göz ýetirýärler. Sebäbi uly bolmadyk portretiň garşysynda germew goýlup, ýüzi hem gorag aýnasy bilen örtülendir.



– Uly zaldaky Mona Lizanyň portreti örän kiçi görünýär. Bu bolsa sungat eseriniň awtory Leonardo da Winçiniň pikirlerine çapraz gelýär. Çünki Leonardo da Winçiniň özi kartinasy bilen adamyň arasynda göni gatnaşygyň bolmagyny isläpdi – diýip, Luwr muzeýiniň baş müdiri Winsent Delewen belledi.

Howpsuzlyk çäreleri sebäpli, muzeýe gelýänler portreti 30 sekuntdan köp synlap bilmeýärler. Şol sebäplere görä hem, Luwruň müdirligi portretiň ýerini üýtgetmek barada karara geldi.

Bu işler Luwr muzeýine täze girelge açmak we ýene-de iki zal döretmek ýaly düýpli abatlaýyş işlerini talap edýär. Olaryň biri Mona Lizanyň täze öýüne öwrülip, täze şertler Luwrdaky nobatlary azaldyp, portretiň ýanyna göni barmaga mümkinçilik döreder.

Leonardonyň sungat eserini ykjam we degişli çäreler bilen ýerleşdirmek üçin ýarym milliard ýewro gerek bolar. Fransiýanyň Medeniýet ministrligi Luwr muzeýiniň başlangyjyny goldap, ykdysadyýet we maliýe ministri Brýuno Lýo Mera öz tekliplerini hödürledi.

Luwr muzeýi 2021-nji ýylda internet arkaly mugt giriş mümkinçiligi bolan onlaýn platformany ýola goýup, onda muzeýiň 480 müňden gowrak çeper eserini synlamaga mümkinçilik döredildi. Platformada muzeýiň bölümlerindäki sungat eserleri hödürlenip, Yslam sungatyndan we Galkynyş döwrüniň heýkellerinden başlap, Müsüriň gadymy döwürlerine we dünýäniň dürli ýurtlarynyň belli suratkeşlerine degişli kartinalary synlap bolýar. Internet ulanyjylar islendik kompýuterden we smartfondan muzeýiň eserlerini gözden geçirmäge mümkinçilik berýän ýörite interaktiw karta bilen bir otagdan beýleki otaga geçip bilýärler.

## Bäsleşigiň netijeleri mälim edildi

Bütindünýä fotografiýa guramasy tarapyndan guralan «Sony World Photography Awards 2024» bäsleşiginiň ýeňijileri mälim edildi. Bäsleşigiň baş baýragyna Grenlandiýa baradaky dokumental işi üçin fransiýaly suratçy Žýulett Pawi eýe boldy.

«Ýylyň açyk fotosuratçysy» baýragyna Şotlandiýada Aý dogan wagty dron bilen düşürilen meşhur Storr dagynyň suraty üçin Liam Men eýe boldy. «Ýylyň ýaşlar fotosuratçysy» ugrundan berilýän baýraga bolsa, Angliýanyň Nýukweý şäherinde düşüren serfingçiniň suraty üçin Deniel Mýurreý mynasyp boldy.

Beýleki ugurlardaky ýeňijiler şulardan ybarat: «Portretler»: «Kaka we ogul» fotosuraty üçin Waleriý Poştarow (Bolgariýa), «Ýabany tebigat we haýwanat dünýäsi»: kerebiň suraty üçin Ýewa Berler (Gresiýa), «Daşky



gurşaw»: Meksikanyň ýerli ýaşaýjylarynyň balarylar bilen suraty üçin Mae Elipe (Fransiýa), «Peýzaž»: Gazagystanyň çet bir künjünde surata düşürilen «Gurbanlyk berilýän zolak» üçin Eddo Hartmann, «Binagärlik we dizaýn»: Filippinlerdäki gadymy jaýlar baradaky taslama üçin Şiwon Doran (Irlandiýa), «Portfolio»: «Portretler we peýzažlar» suraty üçin Horhe Monako (Argentina), «Sport»: gyşky serfing baradaky «Sowuk Gün» suraty üçin Tomas Merot (Islandiýa), «Döredijilik»: «Müňlerçe kesik» suraty üçin Sujata Setia (Beýik Britaniýa).

«Fotografiýa goşan goşandy üçin» aýratyn baýraga 50 ýyllyk karýerasynyň dowamynda döreden ak-gara eserleri üçin dünýä belli fotosuratçy Sebastýao Salgado mynasyp boldy. Bäsleşigiň iň gowy eserleriniň sergisi «Somerset House» öýünde guralyp, oňa 6-njy maýa çenli tomaşa edip bolar.

## 60 ýaşda bäsleşigiň ýeňijisi boldy

**Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýresde geçirilen gözellik bäsleşiginde 60 ýaşly žurnalist Aleksandra Marisa Rodriges ýeňiş gazandy. Ol bu ýeňişden soň Latyn Amerikasynyň jemgyýetçilik torlarynyň hakyky ýyldyzyna öwrüldi, sebäbi bu zenan juwan keşbi bilen hemmäni geň galdyrdy. Indi Aleksandra munuň bilen kanagatlanmaýar. Ol eýýäm «Argentinanyň hanymy» gözellik bäsleşiginiň saýlawyna gatnaşdy we geljekde «Älem gözeli» bäsleşigine gatnaşmagy hem maksat edinýär.**

**«Älem gözeli» bäsleşiginiň guramaçylary geçen ýyl ýaş çäklendirmeleri aradan aýrandan soň, Aleksandranyň gatnaşmagyna hem mümkinçilik döredi. Mundan öň bu çärä diňe 18 ýaşdan 28 ýaş aralygyndaky gyzlar gatnaşyp bilýän bolsa, indi has uly ýaşlylar hem gatnaşyp biler.**

**Aleksandranyň gözelligi tutuş Argentinany maýyl etdi, şonuň üçin köpler derrew ondan nädip şeýle görnüşi saklap bilendigini sorap başladylar. 60 ýaşly zenan hepdede üç gezek türgenleşýändigini, wagtal-wagtal iýmitden saklanýandygyny, sagdyn iýmitlenmäge tagalla edýändigini we ýokary hilli deri kremlerini ulanýandygyny gürrüň berdi.**

**– «Buenos-Aýresiň hanymy 2024» adyna eýe bolanyma diýseň buýsanýaryn. Men ähli zenanlara gözelligiň ýaşynyň ýokdugyny we biziň päsgelçilikleri ýeňip geçip biljekdigimizi subut etmek isledim. Men bu ugurda köp türgenleşdim, öz ynamymyň üstünde işledim we**



**zenanlaryň mümkinçilikleriniň çäksizdigini görkezmek maksady bilen başarnyklarymy ösdürdim – diýip, gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi belledi.**

**«Argentinanyň hanymy» gözellik bäsleşigi 25-nji maýda geçiriler. Aleksandra häzirki wagtda öňde boljak bäsleşige tutanýerlilik bilen taýynlyk görýär. Ol ýaşyň diňe sanlardan ybaratdygyny subut etmek üçin ýeňiji bolmak isleýär.**

## Zenanlaryň Aziýa forumy geçiriler

**13-14-nji maýda Özbegistanyň Samarkand şäherinde «Zenanlaryň ykdysady, jemgyýetçilik, syýasy hukuklary we ygtyýarlyklary meselesine sebitleýin çemeleşme we olaryň mümkinçilikleriniň giňeldilmegi» mowzugy boýunça zenanlaryň Aziýa forumy geçiriler.**

**Iki günlük foruma Gündogar Aziýa, Günorta-Gündogar Aziýa, Günorta Aziýa we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenan parlamentarileriniň, Hökümet ýolbaşçylarynyň, döwlet edaralarynyň we raýat jemgyýetiniň institutlarynyň wekilleriniň, işewür zenanlaryň, syýasatçylaryň, alymlaryň we ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.**

**Forum 10 sany ugurdaş mejlisleriň çäklerinde geçiriler. Foruma gatnaşýanlar aýal-gyzlary ylym-bilim, telekeçilik we innowasiýa işlerine çekmek, olaryň ykdysady hukuklary we mümkinçilikleri ýaly zenanlaryň häzirki zaman ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna gatnaşygynyň meselelerini ara alyp maslahatlaşarlar.**

**Mundan başga-da, Durnukly ösüş maksatlaryna zenanlaryň gatnaşmagynyň meselelerine garalar. Zenanlaryň ykdysady mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, olaryň biznese we jemgyýete gatnaşyklaryny höweslendirmekde parlamentleriň ähmiýeti, maliýe mümkinçiliklerini ulanyp, gender tapawudy aradan aýyrmak, zenanlara we çagalara garşy zorlugyň ähli görnüşlerini ýok etmek meselelerine aýratyn üns gönükdiriler.**




**Foruma gatnaşyjylar hökümete degişli bolmadyk täjirçilik däl guramalaryň «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek, howanyň üýtgemeginiň sebitdäki gender meselelerine täsiri, şeýle hem zenanlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak boýunça öňdebaryjy tejribeleri we innowasion çemeleşmeleri ara alyp maslahatlaşarlar. Forumyň netijesinde Samarkand Jarnamasyny kabul etmek meýilleşdirilýär.**

## «Titanik»-däki işewüriň sagady satyldy

«Titanik» gämisindäki iň baý işewür Jon Jeýkob Astora degişli altyn jübi sagady Beýik Britaniýanyň «Henry Aldridge & Son» auksionynda, 1 million 175 müň funt sterlinge satyldy.

Auksion öýüniň maglumatlaryna görä, bu ady rowaýata öwrülen gämiden galan ýadygärlikden gazanylan iň uly mukdardaky puldur. Gymmat bahaly sagady amerikaly hususy kolleksiýaçy satyn aldy. Sagadyň başda 100 müňden 150 müň funt sterlinge çenli aralykda satylmagy meýilleşdirilýärdi.

Öz döwründe dünýäniň iň uly ýolagçy gämisi hasaplanan britan gämisi «Titanik» 1912-nji ýylyň 14-nji aprelinde Sautgemptondan Nýu-Ýorka ilkinji sapary wagtynda aýsberge urup, 2 sagat 40 minutdan soň gark boldy. Gäminiň galyndylary 1985-nji ýylyň sentýabr aýynda Kanadanyň Nýufoundlend adasynyň kenaryndan, takmynan, 350 deňiz mil uzaklykdan dört kilometr çuňlukda tapyldy.



Sagadyň eýesi 47 ýaşly işewür Jon Jeýkob Astor «Titanik» gämisi gark bolup ugranda, aýaly Madleni halas ediş gaýygyna mündürip, özi-de gämide galýar. «Waltham» kompaniýasy tarapyndan öndürilen 14 karatlyk altyn jübi sagadynyň ýüzünde işewüriň ady haşamlanyp ýazylypdyr.

## ÝAŞYL ZOLAK ALADALARY AZALDÝAR

**Huaçžunyň Ylym we tehnologiýa uniwersitetiniň (Hytaý) alymlary daşky gurşaw bilen adamyň ruhy ýagdaýynyň arasynda gös-göni baglanyşygyň bardygyny ýüze çykardylar. Barlaglar ýaşyl zolaklarda ýaşamagyň ruhy çökgünligi we aladalaryň derejesini köp babatda peseldýändigini görkezdi.**

**Alymlar ylmy-barlag merkezinde saklanýan 409 müň 556 adamyň maglumatlaryny seljerdiler. Olar barlaga gatnaşyjylaryň öýleriniň ýaşyl zolaklara golaýlygy, özlerini duýuşlary we beýleki ýagdaýlary baradaky maglumatlary içgin öwrenip, baha berdiler. Alymlar ozaly bilen, barlaga gatnaşýanlaryň her biriniň öýüniň töweregindäki ýaşyl zolaklaryň ýaýrawyna üns gönükdirdiler. Soňra alymlar ýaşyl zolakda ýaşaýanlaryň soňky 12 ýyldaky ruhy taýdan bozulmalarynyň döremek howpuna baha berdiler. Netijeler, ýaşyl giňişliklerde uzak wagtlap ýaşamagyň ruhy çökgünligi we aladalary azaldýandygyny ýüze çykardy.**

**Has amatly daşky gurşaw we arassa howa ynsan saglygy üçin aýratyn ähmiýete eýe» diýip, «Nature Mental Health» žurnaly ýazýar.**

**– Biziň barlaglarymyz şäherdäki ýaşyl giňişlikleriň giňeldilmeginiň ruhy sagdynlygy has-da gowulandyryp biljekdigini görkezdi – diýip, ylmy işiň awtorlary belleýär.**



# MILADY AÝLARYNYŇ ADYNYŇ MANYSY: ýanwar, fewral, mart...



**Hasap ýöretmek irki döwürlerde ýüze çykyp, şol wagtlar Gadymy Müsürde, Rimde we Hytaýda dürli görnüşli kalendarlar bolupdyr. Gündogarda Aýyň Ýeriň daşyndan aýlanmagyna esaslanyp, hijri-kamary ýyl senenamasy ýöredilen bolsa, Günbatarda Ýeriň Günüň daşyndan aýlanmagyna esaslanýan Grigorýan senenamasy ulanylypdyr. Bu senenamalar biri-birine meňzeş hem bolsa, hepdeleriň bölünişi, aýlar babatda tapawutlanypdyr. Aý we Gün senenamalaryndan başga-da, Rim, Gezer, Berber, Jelali senenamasy ýaly ýyl hasaplary hem dürli halklarda ýörgünli bolupdyr.**

**Kalendaryň ösüşi we kämilleşmegi Gadymy Müsür siwilizasiýasyndan gözbaş alýar. Müsürlileriň iň gadymy senenamasynda ýyl 3 möwsüme – ýagyş ýagmasy (suw joşmasy), ekin ekiş we hasyl ýygnamak möwsümlerine bölünipdir. Müsürlilerden soň wawilonlylar hem her aýy 29,5 günlük, käte 1 gün gysgalýan 354 günlük senenamany işläp düzýärler. Häzirki zaman senenamanyň düýbi miladydan öňki 46-njy ýylda Ýuliý Sezar tarapyndan taýýarlanýar we ulanyşa girizilýär. Ýuliýan senenamasy atly bu kalendary imperator Awgust miladydan öňki VIII asyrda gaýtadan işläp düzýär we kämilleşdirýär. Şeýlelikde, milady senenamasy 12 aýa bölünip, hersine mahsus at goýulýar. Milady aýlarynyň näme üçin ýanwar, fewral, mart... diýlip atlandyrylandygy barada pikir edip gördüňizmi? Geliň, häzirki wagtda ulanýan ýyl hasabymyzdaky aý atlarynyň manysy bilen tanyş bolalyň!**

**ÝANWAR.** Milady ýyl hasabynda 1-nji aýyň ady rimlileriň hudaýy Usanusyň adyndan gelip çykýar. Ynanja görä, Usanus hudaýynyň ýüzi birbada iki tarapa – saga we çepe seredýärmiş. Şol sebäpli 1-nji aýa geçen ýylyň gutarandygyny hem-de täze ýylyň başlanandygyny alamatlandyrýan ýanwar diýlip at goýlupdyr. Ýanwar sözi latynçadan «Januarius mensis» sözünden gelip çykyp, «Usanus aýy» diýmegi aňladýar. Başgaça aýdylanda iki tarapy görkezýän aý.

**FEWRAL.** Irki ýyllarda «februarius» diýlip atlandyrylan ikinji aýyň ady rim däp-dessuryndan gelip çykýar. Rimliler ikinji aýyň 15-nji gününde «Arassaçylyk baýramçylygyny» geçiripdirler. Bu baýramda ulanylýan matadan edilen arassaçylyk esgilerine «februa» diýilýän eken. Bu söz Rim hudaýy Februusyň adyndan gelip çykyp, soňlugy bilen fewral görnüşinde ikinji aýyň adyna dakylypdyr.

**MART.** Üçünji aýyň ady köp dillerde meňzeş bolup, nemes dilinde märz, fransuzçada mars, ispan dilinde marzo, niderlandlarda maart diýlip atlandyrylýar. Mart sözüniň umumy manysy rimlileriň uruş Hudaýy Martiýusyň adyndan gelip çykýar. Mart aýy latynçada «Martius mensis» bolup, öldüriji diýmegi aňladýar.

**APREL.** Latynça «aperire» sözünden gelip çykýan aprel aýy «açmak üçin» diýen manyny aňladýar. Bu aý agaçlaryň ýaprak we gül açýandygy sebäpli şeýle atlandyrylypdyr. Grek dilinde aprel aýy aprillius diýlip atlandyrylyp, gözelligiň hudaýy Afroditanyň adyndan gelip çykýar.

**MAÝ.** Bu aýyň ady hem rimlilerden gelip çykyp, ýagyş hudaýy Maýanyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Maýa hasyllylygyň we ösümlikleriň ösmeginiň hudaýy hökmünde hem görlüpdir. Latynça bu aýyň ady «Maius menelis» bolup, «Maýanyň ady» diýmegi aňladýar.

**IÝUN.** Fransuzça «Juin», iňlisçede «Junius», latynça «Junius mensis» diýlip atlandyrylýan 6-njy aýyň ady rimlileriň dogluş bilen baglanyşykly hudaýy, ýaşlygy alamatlandyrýan Junonyň adyndan gelip çykýar.

**IÝUL.** Iňlis dilinde «Julie», latynçada «Julius» diýilýän 7-nji aýyň ady Rim imperatory Ýuliý Sezaryň hormatyna iýul diýlip atlandyrylypdyr. «Örän yssy, ot, alaw» diýen manylary berýän bu aý ekinleriň ýetişýän möwsümi hasaplanypdyr.

**AWGUST.** Latynçada «Awgustus mensis» diýilýän tomsuň soňky aýynyň ady «augere» sözünden gelip çykyp, «köpeltmek, ösmek, beýgeltmek» diýen manylary aňladýar. Awgust aýy Rimiň ikinji imperatory Sezar Awgustyň adyny göterýär. Awgustyň doglan aýy oktýabr bolsa-da, bu aýa onuň ady dakylýar. Şeýle hem Ýuliý Sezaryň we Awgustyň wesýetine görä, iýul hem-de awgust aýlary 31 günden düzülýär.

**SENTÝABR.** Sentýabr latynçada «ýedi» diýmegi aňladýar. Sentýabr asly afrikaly Rim imperatory Septimiý Seweriň ady bilen bagly bolup, bu aýyň manysy käbir çeşmelerde «hasyl ýygnalýan möwsüm» diýmegi hem aňladýar. Belläp geçsek, ozalky senenamalaryň köpüsinde, şol sanda Rim senenamasynda hem ýyl mart aýyndan başlanýar. Rimlilerde ýylyň başy mart, ýagny ýaz pasly hasaplanýar. Şundan ugur alsak, sentýabr 7-nji aý bolýar.

**OKTÝABR.** Iňlisçe «okto» sözünden gelip çykýan oktýabr «sekiz» diýmegi aňladýar. Oktýabr Rim senenamasynyň 8-nji aýynyň adydyr.

**NOÝABR.** Latynçada «Noverber» diýilýän bu aýyň manysy «bölüji» diýmegi aňladýar. Şol döwürler şol aýda bolan uruşlardan soň, käbir sebitleriň ikä bölünendigi üçin, milady ýyl hasabynyň 11-nji aýynyň noýabr diýlip dakylandygy bellenilýär.

**DEKABR.** Latynça «dekon» diýlen sözden gelip çykan dekabr aýy «on» diýmegi aňladýar. Ýylyň jemleýji aýy Rim senenamasynda 10-njy aý hökmünde bellidir.



## Näme üçin gijä galýarys?

**Halamaýan endiklerimizi taşlamak we özümizi kämilleşdirmek islesek-de, köplenç öz-özümizi terbiýelemegi yza süýşürýäris. Şeýle hem meýilleşdirýän etsem-petsemlerimizi şu gün etmän, ertire goýýarys. Ertiriň hem bir bahanasy tapylyp, edilmeli işler soňky günlere galýar. Käte dostumyz ýa-da joramyz bilen çaý başynda didarlaşmak üçin wagt belleşýäris, emma oňa-da gijä galýarys. Käte bolsa, öýden çykyp, howlugyp duralga gelýäris, ýöne bu gezek hem awtobusa ýetişmeýäris. Umuman, köplenç halatda endige öwrülip giden gijä galmaklygyň sebäbi näme? Näme üçin etmeli zatlarymyzy yza süýşürip, täze zatlary öwrenmekde, bir işi ýerine ýetirmekde gijä galýarys?**

Häzirki döwürde köp adamda gijä galmak dowamly mesele ýaly bolup görünýär. Munuň birnäçe sebäbi bolup, esasan, biologik ýagdaýlar we durmuş endikleri bilen baglanyşdyrylýar. Bilermenler gijä galýan adamlaryň duýgularyny dolandyrmakda we düzgünleşdirmekde dowamly kynçylyk çekýändiklerini aýdýarlar.

Gijä galmagyň esasy sebäpleriniň arasynda her bir adamyň wagty ulanyp biliş ýagdaýy hem bar. Köpler wagty tygşytly hem-de meýilnamalaýyn ulanýan bolsa, köpler sagada seretmeýär. Köpler wagtyny bisarpa geçirip, zerur zatlar üçin wagt aýyrmaýar. Şeýlelikde, gymmatly wagtyny ýele sowurmagy gijä galmagyna sebäp bolýar. Bilermenleriň bellemegine görä, meýilnama boýunça etmeli işleriň birine gijä galsaň, beýlekiler hem yza süýşýär. Şeýlelikde, bu günki işler ertire, ertirki işler birigüne, bu hepde ýerine ýetirmek islän zatlarymyz indiki hepdä, soňra aýlara we ýyllara çenli uzaýar. Mysal üçin, 11 ýaşymyzda iňlis dilini öwrenmek kararyna gelen bolsak, bu kararymyz yza-yza süýşüp, 25 ýaşa, belki-de 30 ýaşa gelip biler.

Käbir adamda gijä galmak hereketiniň haýallygy bilen bagly bolup, gyssagly ýagdaýlarda hem özlerini erkin alyp barýarlar. Haýal hereketli adamlar gijä galmagy özleriniň laýyk wagty hasaplaýarlar.

Käbir ynsanlarda gijä galmak endigi dogabitdi bolýar. Ýagny olaryň beýnisinde «wagt öýjükleri» diýlip atlandyrylýan gippokamp neýronlary ýatkeşlik bilen bagly hadysalary kabul etmeýär. Şol sebäpli bu adamlar köplenç barmaly wagtyny ýatdan çykarýarlar.

Umuman, gijä galmak we yza süýşürmek endigi adamyň saglyk ýagdaýy, ýatkeşligi we biperwaýlygy bilen bagly ýagdaý hasaplanýar. Gijä galmak kiçijik sebäplerden toplanyp, uly bökdençlige getirip biler. Bilermenler wagty tygşytly ulanyp, bir işe erjel çemeleşmegi, ýatdan çykmagy mümkin bolan möhüm zatlary bellik edilýän kagyza ýa-da telefonyň ýatladyjysyna belläp goýmagy, sagat dakynmagy hem-de ähli zady öz wagtynda ýerine ýetirmegi maslahat berýärler.

## Saçyňy 2 gezek şampunlamak zerurmy?

**Arassaçylyk düzgünlerini talabalaýyk berjaý etmek saglyk üçin peýdalydyr. Eliňi wagtly-wagtynda sabynlap ýuwmak, otagyňy we egin-eşikleriňi arassa saklamak, şeýle hem saçyňa ideg etmek şahsy arassaçylyk düzgünleridir. Köp adam saçyny her gün ýuwýan bolsa, käbir adam hepdede iki-üç gezek ýuwanyny kem görenok. Şampun saç üçin ygtybarly arassaçylyk serişdesi bolup, saçyňa görä ortaça derejede ulanmaly. Köpler saçyny iki gezek şampunlaýar. Käbir adam bolsa, saçyny birnäçe gezek köpürjikledip ýuwanyndan soň, saçynyň has owadan görünýändigini aýdýar. Eýsem, saçyňy näçe gezek şampunlamalydygy barada pikirlenip gördüňizmi?**



Saçyňy iki gezek şampunlamak köp adamyň ulanýan usuly bolsa-da, bu usulyň näderejede takykdygy we ýalňyş taraplary barada dermatologlar şeýle maslahatlary berýärler.

Mahabat wideolarynda görkezilişi ýaly saçyňy birinji gezek şampunlanyňda hapalar aýrylyp, ikinji gezek şampunlanyňda saçyň has ýalpyldawuk görünýär. Bilermenleriň pikiriçe, bu usul hemmeler üçin deň däl. Saçyň gürlügi, selçeňligi, ýaglylygy, şeýle hem deri keselleri bilen bagly ýagdaýlary göz öňünde tutmak arkaly her adam özüne görä şampun saýlamaly. Şeýle-de, şampunyň her gezek ulanylýan mukdary hem saçyň ösgünligine görä bolmaly. Saçyňy has köp şampunlamak kelläniň derisine we öýjüklere zeper ýetirip, allergiki ýagdaýlara, deriniň guramagyna hem-de saçyň düşmegine sebäp bolup bilýär. Saçyňy iki gezek şampunlamak saçyny hepdede iki gezek ýuwýanlara, buýra-buýra we ösgün saçlylara degişli bolup, gysga saçlylara maslahat berilmeýär.

# ÇAGALAR

**Dünýäde itleriň 360-dan gowrak tohumy bolup, aw iti, çopan iti, urşujy, sakçy, ýük çekiji we ys alyjy it ýaly toparlara bölünýär.**



(Tymsal)

## Bilbiliň gözlegi

Ir zamanlarda bir bilbil ýoluny ýitirip, çöl-beýewana düşüpdir. Gül-gülzarlygy küýseýän bilbiliň, bu ümsümlige ýüregi gysyp, bagy-bossanly bakjanyň gözlegine çykypdyr. Bilbil şol uçup barşyna siňege gabat gelipdir.

– Şu töwerekde güller bitýärmi? – diýip, bilbil siňekden sorapdyr:

– Ony bilemok welin, şundan uzak bolmadyk ýerde zir-zibildir hapa dökülýän çukurlar-a näçe diýseň tapylýar – diýip, siňek pert jogap beripdir. Siňek bilbile ol ýerdäki özüniň mesgen tutunan hapa dökülýän çukurlaryň ählisini sanap beripdir.

Ýene-de ýoluny dowam etdiren bilbil, ahyry ara gabat gelipdir.

– Şu töwereklerde hapa dökülýän çukur barmy? – diýip, bilbil arydan sorapdyr.

– Hapa dökülýän çukur?! Hapaçylyk diýsene? Ýok, men-ä gabat gelmedim – diýip, ary geňirgenipdir.

– Ýöne şundan uzak bolmadyk ýerde näçe diýseň hoşboý ysly güller kändir – diýip, ary oňa haýsy jülgede arhideýa gülüniň ösýändigini, haýsy meýdanda bägülleriň açylýandygyny salgy beripdir.

**Bu hekaýatyň üsti bilen durmuşda dogry ýoly saýlamak, kyn hem bolsa özüňe mahsus ýoly gözläp tapmak maslahat berilýär. «Duzlaga düşen duz bolar» diýlişi ýaly, köpçüligi tanamak, tirkeşýän dostlaryň hüý-häsiýetini bilmek we endiklerini saýgarmak durmuşda dogry ýol saýlamakda möhüm şertler bolup durýar.**

**«Är dogry – ýol dogry»**




## Itler näme sebäpden KELLESINI GYŞARDÝAR?





**Köpimiziň iň ýakyn çagalyk dostumyz bolan güjüjekler dürli oýunlary edip, daş-töwerekdäkilere hezil berýärler. Wepaly dostumyzyň uzaga zyňan taýajygymyzy dişläp getirmegi, welosiped sürýän wagtymyz «haw-hawlap» yzymyzdan ylgamagy şatlykly pursatlary döredýär. Kiçijikdigine garamazdan güjügimiziň edermen bolmagyny isläp, Gaplaň, Basar, Aždar, Böwser, Ýolbars ýaly atlary dakýarys. Eýsem, siz aýdanyňa düşünýän, diýleni edýän itiňiziň täsin hereketleri barada gyzyklanyp gördüňizmi?**



Itleriň syrly häsiýetlerinden biri bolan kellesini gapdala egmek endigi adamlarda köp ýyllardan bäri gyzyklanma döredýär. Itler, köplenç adamy diňlänlerinde ýa-da daş-töwereginden gelýän sesi eşidenlerinde kellesini bir tarapa gyşardýarlar. It saklaýanlar bu täsin endigiň sebäbine düşünmek isleýärler. Eýsem, itler kellesini näme sebäpden bir gapdala egýärkä?!

Itleriň häsiýetini öwrenmek maksady bilen geçirilen barlaglara salpy gulaklylaryň 600 töweregi gatnaşdyrylyp, ýerine ýetirýän hereketlerine gözegçilik edildi. Barlaglaryň netijesinde itleriň 71 göteriminiň kellesini bir tarapa egýändigi ýüze çykaryldy. Barlagyň dowamynda itler nätanyş sesleri eşidenlerinde kellesini bir tarapa gyşardyp, geň görýän ýaly seredipdirler. Alymlaryň bellemegine görä, itleriň salparyp duran uzyn gulagy ses perdelerini ýapyp, has anyk diňşirgemegine päsgelçilik berýär. Şol sebäpli itler sesleri saýgarmak üçin kellesini gyşardyp, gulagyny doly açyp seredip durýarlar.

Itler ses haýsy tarapdan gelýän bolsa, şol tarapa kellesini gyşardyp, sesi aňşyrmak isleýärler. Salpy gulaklylaryň kellesini saga ýa-da çepe egmegi, olaryň haýsy gulagynyň has gowy eşidýändigi bilen hem baglydyr.

Ýene bir barlagda itleriň kellesini egmek hereketiniň aýdylan sözlere düşünmek ukyby bilen baglydygy ýüze çykaryldy. Barlagda itler öz hojaýyny bilen meýdança çykarylypdyr. Eýeleri 10 dürli oýnawajy aňyrraga zyňyp, itine getirmegi buýrupdyr. Şonda gepe düşünmedik itleriň köpüsi uzak wagtlap kellesini bir tarapa egip, eýesine seredip durupdyr. 10-dan gowrak oýnawajyň adyny ýatdan bilýän itler bolsa, eýesine bada-bat düşünip, oýnawajy getirmek üçin ylgap gidipdir.

Umuman, alymlar itleriň bu endiginiň iki şert bilen – uzakdaky sesi eşitmek hem-de aýdylanlara düşünmek bilen baglanyşyklydygyna ünsi çekýärler.














# Banaianyň 20-nji ýeňşi



Moto GP boýunça möwsümiň 4-nji ýaryşy Ispaniýanyň Herez şäherinde geçirildi. Şäheriň adyny göterýän 4,4 kilometrlik trassada geçirilen ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Soňky 2 ýylyň çempiony 25 aýlawdan ybarat ýaryşy 40 minut 58,053 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 20-nji ýeňşidir. Ýaryşda «Ducati Gresini Racing» toparynyň ispan piloty Mark Markes ýeňijiden 0,372 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. Dünýäniň 6 gezek çempiony Mark Markes 558 günden soň ilkinji gezek ýeňiş münberine çykdy. Bäsleşikde «Pertamina Enduro» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezekki 3-nji orna mynasyp boldy.

Moto GP-de geçirilen 4-nji ýaryşdan soň ispaniýaly Horge Martin 92 utuk bilen öňdeligini saklap gelýär. 2-nji ýere beýgelen Françesko Banaianyň 75, 3-nji orundaky Enea Bastianiniň 70 utugy bar. Ispaniýaly Pedro Akosta bilen Mawerik Winýales 69 we 63 utuk toplap, 4–5-nji orunlary paýlaşýarlar.

Möwsümiň 5-nji ýaryşy 12-nji maýda Fransiýada geçiriler.

# LIDERIŇ ÝEŇLIŞSIZ ÝÖRIŞI DOWAM EDÝÄR



TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 9 | 9 | 0 | 0 | 47—5 | 27 |
| 2 | «AHAL» | 10 | 7 | 0 | 3 | 21—10 | 21 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 9 | 6 | 0 | 3 | 17—12 | 18 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 9 | 5 | 0 | 4 | 13—10 | 15 |
| 5 | «MERW» | 10 | 5 | 0 | 4 | 8—18 | 15 |
| 6 | «AŞGABAT» | 10 | 4 | 1 | 5 | 10—18 | 13 |
| 7 | «NEBITÇI» | 10 | 4 | 0 | 6 | 10—16 | 12 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 9 | 1 | 2 | 6 | 6—21 | 5 |
| 9 | «ENERGETIK» | 10 | 0 | 1 | 9 | 6—29 | 1 |

Türkmenistanyň futbol çempionatynda 10-njy tapgyrda sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Altyn asyr» topary bilen duşuşdy. Duşuşykda myhmançylykdaky topar 4–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirýän «Arkadag» toparyna 3 utuk getiren gollary Şamämmet Hydyrow (9, 63), Didar Durdyýew (34) hem-de Begenç Akmämmedow (57) geçirdi. «Altyn asyr» toparynyň gollaryny bolsa Röwşengeldi Halmämmedow (55) bilen Arslan Saparow (76 p) öz atlaryna ýazdyrdylar.

6 goluň geçirilen duşuşygynda «Ahal» öz meýdançasynda «Merwden» 5–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Salim Umarow (11, 77), Akmämmet Metdäýew (21), Begenç Mämiýew (90+4) hem-de Alibek Abdyrahmanow (90+5) geçirdi. «Merwiň» ýeke-täk golunyda 60-njy minutda Ambýar Mahmudow derwezä girizdi.

«Aşgabat» bilen «Energetik» toparlarynyň arasyndaky oýunda myhmanlar öňe saýlansa-da, ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy (Şatlyk Gurbanow 79, Ýeňiş Seýdiýew 84 — Resul Çopanow 35).

Şol netije Balkan welaýaty derbisinde-de hasaba alnyp, «Şagadam» myhmançylykda «Nebitçini» Selim Ataýew (6) hem-de Daýanç Durdyýewiň (22) gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 27-nji minutda bir oýunçy kem galan «Nebitçiden» Arslangylyç Nazgylyjowyň 66-njy minutdaky goly ýeňşe ýetmedi.

# «Barselona» bilen «Lion» 3-nji gezek finalda duşuşar

**UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap oýunlaryndan soň soňky 8 ýylyň çempionlary —Ispaniýanyň «Barselona» topary bilen Fransiýanyň «Lion» topary finalda oýnamaga hukuk gazandylar.**

**Öz meýdançasynda «Çelsiden» 1–0 utulan (bu olaryň ähli ýaryşy hasaba alanyňdaky möwsümdäki ilkinji ýeňlişi bolupfy) «Barselona» jogap oýnunda garşydaşyny Bonmati (25) hem-de Rolföniň (75 p) gollary esasynda 2–0 ýeňip, bassyr 4-nji, soňky 6 ýylda 5-nji gezek finala çykdy. Soňky çempion «Barselonanyň» finaldaky garşydaşy öňki möwsümiň çempiony «Lion» topary boldy.**




**Fransiýanyň «Lion» kluby ýarym finalda ýurduň başga bir topary PSŽ bilen duşuşdy. Öz meýdançasynda 3–2 hasabynda ýeňen «Lion» myhmançylykda-da 2–1 hasap bilen ýeňip, 11-nji gezek finala adyny ýazdyrdy. Soňky 9 ýylda 7-nji gezek finala çykan «Liona» jogap oýnunda ýeňiş getiren gollary Baça (3) bilen Dumorni (81) getirdi.**

**23-nji UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň finaly 25-nji maýda Ispaniýanyň Bilbao şäherindäki «San Mames» stadionynda oýnalar.**

**«Barselona» bilen «Lion» toparlary mundan öň 2 gezek 2019-njy hem-de 2022-nji ýyllarda finalda duşuşyp, 2-sinde-de fransuz kluby 4–1 we 3–1 hasaplar esasynda ýeňipdi. Bu ýaryşda «Lion» 8 çempionlyk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. «Barselonanyň» bolsa 2 çempionlygy bar.**



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*3-nji maý (anna)*
**Hoffenhaým – Leipsig (23:30)**
*4-nji maý (şenbe)*
**Arsenal – Bornmut (16:30)**
**Ştutgart – Bawariýa (18:30)**
**Borussiýa D – Augsburg (18:30)**
**Real Madrid – Kadiz (19:15)**
**Monza – Lasio (21:00)**
**Žirona – Barselona (21:30)**
**Man. Siti – Wulwerhempton (21:30)**
**Inter – Sassuolo (23:45)**
*5-nji maý (ýekşenbe)*
**Çelsi – West Ham (18:00)**
**Liwerpul – Tottenham (20:30)**
**Milan – Jenoa (21:00)**
**Roma – Ýuwentus (23:45)**
*6-njy maý (duşenbe)*
**Aýntraht – Baýer (20:30)**
**Salernitana – Atalanta (21:00)**
**Udineze – Napoli (23:45)**
**Lill – Lion (00:00)**
**K. Palas – M. Ýunaýted (00:0)**

# «Arsenalyň» çempionlygyny londonlylar kesgitlär





Angliýanyň çempionatynda çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan toparlardan «Arsenal» Demirgazyk London derbisinde, myhmançylykda «Tottenham» bilen duşuşyp, 1-nji ýarymda Hýoýbergiň (ö.d.), Sakanyň hem-de Hawertsiň gollary esasynda 3–0 öňe saýlandy. 2-nji ýarymda 2 gol geçiren «Tottenham» köne bäsdeşini oýnuň soňky minutlarynda aljyratsa-da, «Arsenal» çempionlyk ýolundaky bu kyn derbini ýitgisiz geçmegi başardy. Myhmançylykda «Nottingam Foresti» Gwardiol we Holannyň gollary esasynda ýeňen «Mançester Siti» topary 1 oýny az «Arsenalyň» söbügini basyp, 2-nji ýerde barýar. «Arsenalyň» 35 oýunda 80, «Mançester Sitiniň» 34 oýunda 79 utugy bar. «Arsenal» galan 3 tapgyrda öz meýdançasynda «Bornmut», myhmançylykda «Mançester Ýunaýted» hem-de Londonda «Ewerton» bilen duşuşar. «Mançester Sitiniň» bolsa galan 4 duşuşygynyň 3-si London klublary bilen bolar. Başgaça aýdylanda, Londonyň klublarynyň «Mançester Siti» toparynyň garşysyna görkezjek oýny Londonyň «Arsenalynyň» çempionlygyny kesgitlär. «Mançester Siti» indiki tapgyrda «Wulwerhemptony» kabul edeninden soň myhmançylykda «Fulham» bilen duşuşar. 34-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynada Londonda «Tottenham» bilen oýun geçirjek «Mançester Siti» möwsümi öz meýdançasynda «West Ham» bilen jemlär.

19 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Mançester Sitiniň» tälimçisi Pep Guardiola APL-de 300-nji duşuşygynda 221-nji ýeňşini gazandy (41 deňlik, 38 ýeňliş). Ol bu görkezijä iň çalt ýeten tälimçi boldy. Şol sanda Guardiola APL-de bir klubda iň köp duşuşyk geçiren 4-nji tälimçi bolup, ondan öňde Arsen Wenger (828), Aleks Ferguson (810) hem-de Dewid Moýes (427) bar.

«Premier Ligada» 35-nji tapgyrda myhmançylykda «West Ham» bilen 2–2 hasabynda deňmedeň oýnan «Liwerpul» topary çempionlyk ugrunda uly ýitgä sezewar boldy. Isakyň 2 gol geçiren oýnunda «Nýukasl» topary öz meýdançasynda «Şeffild Ýunaýtedi» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bir ýyldan soň «Championship»-e dolanan «Şeffild Ýunaýted» aşaky liga düşen ilkinji topar boldy. Galan 2 topar bolmazlyk üçin «Nottingam Forest», «Luton Tawn» hem-de «Börnli» klublarynyň arasynda ýiti göreş dowam edýär.

*EURO 2024-e tarap*

# Deloneniň tagallasy we ilkinji ýaryşlar

**42 GÜN GALDY**

### Ýewropa çempionatynyň taryhyndan (gysgaça)

**Futbolyň watany hasaplanýan Ýewropada yklym ýaryşyny geçirmeklik üçin irki ýyllarda tagallalar edilse-de, çempionat üçin az-owlak garaşylmaly bolýar. Häzirki wagtda futbolyň iň ösen yklymyna çempionaty ýola goýmaklyk 20-nji asyryň ortalaryndan soň başardýar.**

Futbol oýnunyň esaslandyrylmagyndan soň Ýewropada FIFA döredilýär we Dünýä Kubogy geçirilip başlanýar. Hatda ondan öň Günorta Amerikanyň çempionaty hem geçirilip başlanýar. Ýöne Ýewropada yklym ýaryşy entek ýokdy. Yklymyň çäginde geçirilýän 2 bäsleşik bardy, ýöne olaram sebitleýin ýaryşlar bolup, tutuş Ýewropany öz içine alanokdy. Şol wagtlar geçirilýän ýaryşlaryň biri Beýik Britaniýanyň düzümindäki ýurtlaryň arasynda guralan Britaniýanyň ýerli çempionaty (British Home Championship) bolup, ol laýyk 100 ýyllap, ýagny 1884–1984-nji ýyllar aralygynda geçirilýär. Angliýanyň 54 gezek çempionlygy bilen tamamlanan çempionata 5 ýurduň ýygyndysy gatnaşýar. Beýleki bir ýaryş bolsa Merkezi Ýewropanyň halkara kubogy (Central European International Cup) ýaryşy bolup, 1927–1960-njy ýyllar aralygynda guralan bäsleşige Italiýa, Awstriýa, Çehoslowakiýa, Wengriýa, Şweýsariýa, Polşa, Rumyniýa hem-de Ýugoslawiýa döwletleriniň ýygyndysy wekilçilik edýär. Jemi 6 gezek guralan ýaryşda Italiýa 2 gezek çempionlyk gazanýar.




Mahlasy ýagdaýyň şeýle bolmagy, esasanam, Fransiýanyň futbol federasiýasynyň başlygy Anri Deloneni biynjalyk edýärdi. Ol öz yklymlarynda-da hökmany bir çempionatyň geçirilmegini isleýärdi. Irki ýyllarda edilen teklipler oňlansa-da, tutuş yklymda ýüze çykan ykdysady kynçylyk, ondan soňam Ikinji Jahan urşy Deloneniň bu arzuwynyň hasam gijikmegine sebäp bolýar. Ýöne Ýewropada futbolyň giňden ýaýramagy üçin tagalla baryny eden, Ýewropa çempionatyny guramak üçin elinden geleni gaýgyrman alada eden Anri Delonä ilkinji ýaryşy görmeklik bagty miýesser etmeýär. Ol UEFA-nyň 1954-nji ýylda esaslandyrylmagyndan bir ýyl soň aradan çykýar. Ýöne onuň ogly Pier Delone kakasynyň ýoluny dowam etdirýär. Şol sebäpli hem Ýewropa çempionatynyň ýeňijisine gowşurylýan kuboga Anri Deloneniň ady berilýär. Häzirki wagtda Anri Delone kubogy diýlen at bilen gowşurylýan ýaryşyň ilkinjisi 1960-njy ýylda Fransiýada geçirilýär. 1958-nji ýylda başlanan saýlama tapgyryna 17 ýygyndy gatnaşýar. Final tapgyrynda bolsa 4 ýygyndy çykyş edýär. Ýarym finalda ozalky SSSR-iň ýygyndysy Çehoslowakiýany 3–0, Ýugoslawiýa bolsa ýer eýeleri Fransiýany 5–4 hasabynda ýeňýär. Finaldan öň Çehoslowakiýa Fransiýany 2–0 ýeňip, bürünç medala mynasyp bolýar. 1960-njy ýylyň 10-njy iýulynda-da Parižداki «Park de Prens» stadionynda ýugoslawlar Galiçiň 43-nji minutdaky goly bilen öňe geçse-de, Metreweliniň (49) hem-de Ponedelnigiň (113) goşmaça wagtda geçiren gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, yklymyň ilkinji çempiony bolýar.

4 ýyldan soň Ispaniýada geçirilen 2-nji ýaryş hem edil 1-njisi ýaly formatda guralýar. Ispaniýa ýarym finalda Wengriýany goşmaça wagtda 2–1 ýeňse, SSSR Daniýany 3–0 hasap bilen utýar. Bassyr 2-nji gezek finala çykan ozalky Soýuzyň ýygyndysy ýer eýeleri Ispaniýadan 2–1 hasabynda asgyn gelýär (Pereda 6, Marselino 84 — Husainow 8). Ýaryşda goşmaça wagtda 3–1 hasabynda Daniýany ýeňen Wengriýa 3-nji orny eýeleýär.



Anri Delone

4 ýyldan soň 3-nji ýaryş Italiýada geçirilip, guralyş formatynda üýtgeşiklik bolmaýar. Çempionatyň ady Ýewropa Milletleriniň Kubogy ýaryşyndan Ýewropa çempionaty diýlip üýtgedilýär. Ýer eýeleri Italiýa ýarym finalda SSSR-iň ýygyndysyny golsuz geçen oýundan soň, bije arkaly ýeňýär. Ýugoslawiýa bolsa Angliýany Džaýiçiň ýeke-täk goly esasynda 1–0 utýar. Italiýa bilen Ýugoslawiýanyň arasyndaky finalda ýeňiş gazanan bolmaýar (1–1). 2 günden soň duşuşyk gaýtadan oýnalýar we Italiýa Riwa hem-de Anastasiniň gollary esasynda ýeňşini baýram edýär. Çarlton hem-de Hörstüň gollary esasynda SSSR-i 2–0 ýeňen Angliýa ilkinji gezek gatnaşan ýaryşynda bürünç medaly eýeleýär.

*(Dowamy bar)*

# PSŽ-niň 12-nji çempionlygy

**Fransiýanyň çempionatynda PSŽ möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda, çempionlygyny yglan etdi. 31-nji tapgyrda aşaky orunlarda barýan «Le Hawr» toparyny kabul eden PSŽ 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda ýeňlişden halas boldy. Duşuşykda 3–1 öňe saýlanan «Le Hawryň» derwezesinden hasaby deňlän gollary Barkola (28), Hakimi (78) hem-de Ramuş (90+5) geçirdi. 2-nji ýerdäki «Monakonyň» myhmançylykda «Liondan» Ben Ýedderiň gollaryna garşylyk Lakazett, Benrahma hem-de Fofananyň gollary bilen 3–2 ýeňilmeginden soň PSŽ çempionlygyny yglan etdi. Bu parižlileriň bassyr 3-nji, umumylykda-da 12-nji çempionlygy bolup, PSŽ katarly işewürleriň satyn almagyndan soň 10-njy çempionlygyny gazandy. 2011-nji ýylda katarly işewürleriň eýeçiligine geçen PSŽ şondan bäri diňe 3 gezek çempionlygy başga klublara — 2012-nji ýylda «Monpelie», 2017-nji ýylda «Monako» hem-de 2021-nji ýylda-da «Lill» toparlaryna aldyrdy. Ýurduň iň köp çempion bolan kluby PSŽ 1986-njy we 1994-nji ýyllarda-da çempionlyk gazanypdy.**



**Çempionatyň 31-nji tapgyrynda 9 goluň geçirilen duşuşygynda «Brest» myhmançylykda «Renn» toparyny Brasieniň 90+7-nji minutda geçiren goly esasynda 5–4 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.**

### PREMIER LEAGUE (35) – 32 gol

**West Ham—Liwerpul: 2–2** (Bowen 43, Antonio 77 — Robertson 48, Areolýa 65 ö.d.), **Wulwerhempton—Luton: 2–1** (Hi Çan Hwan 39, Toti 50 — Morris 81), **M. Ýunaýted —Börnli: 1–1** (Antonio 79 — Amduni 87 p), **Nýukasl—Şeffild Ý.: 5–1** (Isak 26, 61 p, Gimaraýns 54, Osborn 65 ö.d., Wilson 72 — Ahmedhojiç 5), **Fulham—K. Palas: 1–1** (Muniz 53 — Şlupp 87), **Ewerton—Brentford: 1–0** (Geýe 60), **A. Willa—Çelsi: 2–2** (Kukurelýa 4 ö.d., Rojers 42 — Madueke 62, Gallaher 81), **Bornmut—Braýton: 3–0** (Senesi 13, Ünal 51, Kluiwert 87), **Tottenham—Arsenal: 2–3** (Romero 64, Son 87 p — Hýoýberg 15 ö.d., Saka 27, Hawerts 38), **N. Forest—Man. Siti: 0–2** (Gwardiol 32, Holann 71)

### LA LIGA (33) – 30 gol

**R. Sosiedad—Real Madrid: 0–1** (Güler 29), **Las Palmas—Žirona: 0–2** (Dawid Lopez 26, Dowbyk 57 p), **Almeriýa—Hetafe: 1–3** (Losano 41 — Grinwud 27, 48, Mata 61), **Alawes—Selta: 3–0** (Simeone 48, Guridi 54, Benawides 86), **Atletiko—Atletik: 3–1** (De Paul 15, Korrea 52, Unaý Simon 80 ö.d. — Niko Williams 45), **Kadiz—Malýorka: 1–1** (Maskarel 59 ö.d. — Muriel 12), **Granada—Osasuna: 3–0** (Pelýistri 29, Uzuni 48, Boýe 90+4), **Wilýarreal—R. Wallekano: 3–0** (Serlot 18, 74, Moskera 69), **Betis—Sewilýa: 1–1** (Isko 38 p — Salas 56), **Barselona—Walensiýa: 4–2** (Fermin Lopes 22, Lewandowski 49, 82, 90+3 — Duro 27, Pepelu 38 p)

### SERIE A (34) – 25 gol

**Frozinone—Salernitana: 3–0** (Sule 10 p, Breşianini 25, Dzortea 85), **Leççe—Monza: 1–1** (Krestowiç 90+2 — Pessina 90+6 p), **Ýuwentus—Milan: 0–0, Lasio—Werona: 1–0** (Zakkanýi 72), **Inter—Torino: 2–0** (Çalhanoglu 56, 60 p), **Bolonýa—Udineze: 1–1** (Salemakers 78 — Paýero 45+1), **Napoli—Roma: 2–2** (Oliwera 65, Osimhen 84 p — Dibala 59 p, Abraham 89), **Atalanta—Empoli: 2–0** (Paşaliç 42 p, Lukman 51), **Fiorentina—Sassuolo: 5–1** (Sottil 17, Martines Kuarta 54, Gonzales 58, 66, Barak 62 — Torstwedt 57), **Jenoa—Kaliari: 3–0** (Torsbýu 17, Frendrup 27, Gudmundsson 63)

### BUNDESLIGA (31) – 26 gol

**Bohum—Hoffenhaým: 3–2** (Şteger 34, 64, Passlak 45+2 — Kramariç 73, 84), **Augsburg—Werder: 0–3** (Şmid 52, Dukş 61 p, Deman 90), **Bawariýa—Aýntraht: 2–1** (Keýn 9, 61 p — Ekitike 23), **Leipsig—Borussiýa D: 4–1** (Openda 23, Şeşko 45+2, Simakan 46, Baumgartner 80 — Sanço 20), **Fraýburg—Wolfsburg: 1–2** (Bornau 42 ö.d. — Arnold 82, Lakrua 90), **Baýer—Ştutgart: 2–2** (Adli 62, Andrih 90+6 — Fürih 47, Undaw 57), **Borussia M—Union Berlin: 0–0, Maýns—Köln: 1–1** (Barreýro 29 — Kaýns 90+5 p), **Darmştadt—Haýdenhaým: 0–1** (Dowedan 90+1)

### LIGUE 1 (31) – 39 gol

**Monpelie—Nant: 1–1** (Adams 2 — Ablin 7), **PSŽ—Le Hawr: 3–3** (Barkola 28, Hakimi 78, Ramuş 90+5 — Operi 19, Aýew 38, Ture 61 p), **Mets—Lill: 1–2** (Mikautadze 23 p — Ismaili 31, Ýazyjy 44), **Klermon—Reýms: 4–1** (Çam 31 p, 55 p, Raşani 79, 90 — Nakamura 33), **Loriýan—Tuluza: 1–2** (Ponso 19 — Dallinga 59, Sissoko 83), **Strasbur—Nissa: 1–3** (Bakwa 18 — Gessand 4 p, Dante 52, Sanson 84), **Renn—Brest: 4–5** (Kalimuendo 4, 9, Teate 68, Terrie 79 — Munýe 11, Omari 48 ö.d., Satriano 54, Kamara 66, Brasie 90+7), **Lion—Monako: 3–2** (Lakazett 22, Benrahma 26, Fofana 84 — Ben Ýedder 1, 60), **Marsel—Lans: 2–1** (Obameýang 1, Geýe 85 — Said 77)

### PREMÝER LIGA (26) – 21 gol

**Ahmat—Pari NN: 5–1** (Konate 25, 53, Kamilow 45+5, Şatara 65, Sadulaýew 87 — Kutateladze 42), **Spartak—Lokomotiw: 3–2** (Bongonda 44 p, Medina 56, Hlusewiç 67 — Suleýmanow 51, Sarweli 71), **Dinamo—Zenit: 1–0** (Týukawin 76), **Baltika—SSKA: 3–1** (Bistrowiç 51 p, Aleks Fernandes 76, Kaplenko 85 — Glebow 90), **Krylýa Sowetow—Krasnodar: 0–0, Rostow—Ural: 1–1** (Daku 43 — Begiç 86), **Soçi—Fakel: 0–0, Rostow—Orenburg: 2–1** (Ronaldo 81, Komliçenko 90+6 – Tompson 13)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 35 | 25 | 5 | 5 | 85-28 | 80 |
| 2 | MAN. SITI | 34 | 24 | 7 | 3 | 82-32 | 79 |
| 3 | LIWERPUL | 35 | 22 | 9 | 4 | 77-36 | 75 |
| 4 | ASTON WILLA | 35 | 20 | 7 | 8 | 73-52 | 67 |
| 5 | TOTTENHAM | 33 | 18 | 6 | 9 | 67-52 | 60 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 34 | 16 | 6 | 12 | 52-51 | 54 |
| 7 | NÝUKASL | 34 | 16 | 5 | 13 | 74-55 | 53 |
| 8 | WEST HAM | 35 | 13 | 10 | 12 | 56-65 | 49 |
| 9 | ÇELSI | 33 | 13 | 9 | 11 | 63-59 | 48 |
| 10 | BORNMUT | 35 | 13 | 9 | 13 | 52-60 | 48 |
| 11 | W. HEMPTON | 35 | 13 | 7 | 15 | 48-55 | 46 |
| 12 | BRAÝTON | 34 | 11 | 11 | 12 | 52-57 | 44 |
| 13 | FULHAM | 35 | 12 | 7 | 16 | 51-55 | 43 |
| 14 | K. PALAS | 35 | 10 | 10 | 15 | 45-57 | 40 |
| 15 | EWERTON | 35 | 12 | 8 | 15 | 37-48 | 36 |
| 16 | BRENTFORD | 35 | 9 | 8 | 18 | 52-60 | 35 |
| 17 | N. FOREST | 35 | 7 | 9 | 19 | 42-62 | 26 |
| 18 | LUTON TAWN | 35 | 6 | 7 | 22 | 48-77 | 25 |
| 19 | BÖRNLI | 35 | 5 | 9 | 21 | 38-70 | 24 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 35 | 3 | 7 | 25 | 34-97 | 16 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 33 | 26 | 6 | 1 | 71-22 | 84 |
| 2 | BARSELONA | 33 | 22 | 7 | 4 | 68-39 | 73 |
| 3 | ŽIRONA | 33 | 22 | 5 | 6 | 69-40 | 71 |
| 4 | ATLETIKO M | 33 | 20 | 4 | 9 | 62-39 | 64 |
| 5 | ATLETIK B | 33 | 16 | 10 | 7 | 53-33 | 58 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 33 | 13 | 12 | 8 | 46-35 | 51 |
| 7 | BETIS | 33 | 12 | 13 | 8 | 41-39 | 49 |
| 8 | WALENSIÝA | 33 | 13 | 8 | 12 | 37-38 | 47 |
| 9 | WILÝARREAL | 33 | 12 | 9 | 12 | 54-55 | 45 |
| 10 | HETAFE | 33 | 10 | 13 | 10 | 41-45 | 43 |
| 11 | OSASUNA | 33 | 11 | 6 | 16 | 37-49 | 39 |
| 12 | ALAWES | 33 | 10 | 8 | 15 | 31-38 | 38 |
| 13 | SEWILÝA | 33 | 9 | 11 | 13 | 42-46 | 38 |
| 14 | LAS PALMAS | 33 | 10 | 7 | 16 | 30-41 | 37 |
| 15 | R. WALLEKANO | 33 | 7 | 13 | 13 | 27-42 | 34 |
| 16 | MALÝORKA | 33 | 6 | 14 | 13 | 27-39 | 32 |
| 17 | SELTA | 33 | 7 | 10 | 16 | 37-50 | 31 |
| 18 | KADIZ | 33 | 4 | 14 | 15 | 23-46 | 26 |
| 19 | GRANADA | 33 | 4 | 9 | 20 | 36-61 | 21 |
| 20 | ALMERIÝA | 33 | 1 | 11 | 21 | 32-67 | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER (Ç) | 34 | 28 | 5 | 1 | 81-18 | 89 |
| 2 | MILAN | 34 | 21 | 7 | 6 | 64-39 | 70 |
| 3 | ÝUWENTUS | 34 | 18 | 11 | 5 | 47-26 | 65 |
| 4 | BOLONÝA | 34 | 17 | 12 | 5 | 49-27 | 63 |
| 5 | ROMA | 34 | 17 | 8 | 9 | 61-41 | 59 |
| 6 | ATALANTA | 33 | 17 | 6 | 10 | 61-37 | 57 |
| 7 | LASIO | 34 | 17 | 4 | 13 | 43-35 | 55 |
| 8 | FIORENTINA | 33 | 14 | 8 | 11 | 50-37 | 50 |
| 9 | NAPOLI | 34 | 13 | 11 | 10 | 52-43 | 50 |
| 10 | TORINO | 34 | 11 | 13 | 10 | 31-31 | 46 |
| 11 | MONZA | 34 | 11 | 11 | 12 | 36-44 | 44 |
| 12 | JENOA | 34 | 10 | 12 | 12 | 38-40 | 42 |
| 13 | LEÇÇE | 34 | 8 | 12 | 14 | 31-49 | 36 |
| 14 | KALIARI | 34 | 7 | 11 | 16 | 36-59 | 32 |
| 15 | WERONA | 34 | 7 | 10 | 17 | 31-45 | 31 |
| 16 | FROZINONE | 34 | 7 | 10 | 17 | 43-63 | 31 |
| 17 | EMPOLI | 34 | 8 | 7 | 19 | 26-50 | 31 |
| 18 | UDINEZE | 34 | 4 | 17 | 13 | 32-51 | 29 |
| 19 | SASSUOLO | 34 | 6 | 8 | 20 | 40-70 | 26 |
| 20 | SALERNITANA | 34 | 2 | 9 | 23 | 26-73 | 15 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER (Ç) | 31 | 25 | 6 | 0 | 77-22 | 81 |
| 2 | BAWARIÝA | 31 | 22 | 3 | 6 | 89-38 | 69 |
| 3 | ŞTUTGART | 31 | 20 | 4 | 7 | 70-38 | 64 |
| 4 | LEIPSIG | 31 | 19 | 5 | 7 | 73-35 | 62 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 31 | 16 | 9 | 6 | 59-39 | 57 |
| 6 | AÝNTRAHT | 31 | 11 | 12 | 8 | 47-42 | 45 |
| 7 | FRAÝBURG | 31 | 11 | 7 | 13 | 43-55 | 40 |
| 8 | AUGSBURG | 31 | 10 | 9 | 12 | 48-52 | 39 |
| 9 | HOFFENHAÝM | 31 | 11 | 6 | 14 | 55-63 | 39 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 31 | 9 | 10 | 12 | 44-52 | 37 |
| 11 | WERDER | 31 | 10 | 7 | 14 | 41-50 | 37 |
| 12 | WOLFSBURG | 31 | 9 | 7 | 15 | 37-51 | 34 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 31 | 7 | 11 | 13 | 53-60 | 32 |
| 14 | BOHUM | 31 | 6 | 12 | 13 | 37-62 | 30 |
| 15 | UNION BERLIN | 31 | 8 | 6 | 17 | 26-50 | 30 |
| 16 | MAÝNS | 31 | 5 | 13 | 13 | 32-49 | 28 |
| 17 | KÖLN | 31 | 4 | 11 | 16 | 24-54 | 23 |
| 18 | DARMŞTADT | 31 | 3 | 8 | 20 | 30-73 | 17 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 31 | 20 | 10 | 1 | 76-29 | 70 |
| 2 | MONAKO | 31 | 17 | 7 | 7 | 58-41 | 58 |
| 3 | BREST | 31 | 16 | 8 | 7 | 49-33 | 56 |
| 4 | LILL | 31 | 15 | 10 | 6 | 45-27 | 55 |
| 5 | NISSA | 31 | 14 | 9 | 8 | 36-25 | 51 |
| 6 | LANS | 31 | 13 | 7 | 11 | 40-34 | 46 |
| 7 | MARSEL | 31 | 11 | 11 | 9 | 47-38 | 44 |
| 8 | LION | 31 | 13 | 5 | 13 | 42-51 | 44 |
| 9 | RENN | 31 | 11 | 9 | 11 | 48-41 | 42 |
| 10 | TULUZA | 31 | 10 | 10 | 11 | 38-40 | 40 |
| 11 | REÝMS | 31 | 11 | 7 | 13 | 38-45 | 40 |
| 12 | MONPELIE | 31 | 9 | 11 | 11 | 39-43 | 37 |
| 13 | STRASBUR | 31 | 9 | 9 | 13 | 34-44 | 36 |
| 14 | NANT | 31 | 9 | 5 | 17 | 29-49 | 32 |
| 15 | LE HAWR | 31 | 6 | 11 | 14 | 30-41 | 29 |
| 16 | METS | 31 | 8 | 5 | 18 | 32-51 | 29 |
| 17 | LORIÝAN | 31 | 6 | 8 | 17 | 37-61 | 26 |
| 18 | KLERMON | 31 | 5 | 10 | 16 | 25-50 | 25 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ZENIT | 26 | 15 | 5 | 6 | 44-23 | 50 |
| 2 | KRASNODAR | 26 | 14 | 8 | 4 | 41-25 | 50 |
| 3 | DINAMO | 26 | 13 | 8 | 5 | 43-33 | 47 |
| 4 | SPARTAK | 26 | 12 | 6 | 8 | 37-31 | 42 |
| 5 | LOKOMOTIW | 26 | 10 | 11 | 5 | 44-37 | 41 |
| 6 | K. SOWETOW | 26 | 11 | 7 | 8 | 43-35 | 40 |
| 7 | ROSTOW | 26 | 11 | 7 | 8 | 39-39 | 40 |
| 8 | SSKA | 26 | 9 | 11 | 6 | 45-36 | 38 |
| 9 | RUBIN | 26 | 10 | 7 | 9 | 24-31 | 37 |
| 10 | AHMAT | 26 | 8 | 5 | 13 | 29-38 | 29 |
| 11 | PARI NN | 26 | 8 | 4 | 14 | 25-38 | 28 |
| 12 | FAKEL | 26 | 6 | 9 | 11 | 19-28 | 27 |
| 13 | BALTIKA | 26 | 7 | 5 | 14 | 28-32 | 26 |
| 14 | ORENBURG | 26 | 6 | 8 | 12 | 29-35 | 26 |
| 15 | URAL | 26 | 6 | 7 | 13 | 25-40 | 25 |
| 16 | SOÇI | 26 | 4 | 8 | 14 | 26-40 | 20 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 21 |
| 2 | Koul PALMER (Çelsi) | 20 |
| 3 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 19 |
| 4 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 19 |
| 5 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Artem DOWBYK (Žirona) | 19 |
| 2 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 17 |
| 3 | Aleksander SERLOT (Wilýarreal) | 17 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 16 |
| 5 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 16 |
| 3 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 14 |
| 4 | Albert GUDMUNDSSON (Jenoa) | 14 |
| 5 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 35 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 25 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 24 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 18 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 26 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 17 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 16 |
| 4 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 14 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 16 |
| 2 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 14 |
| 3 | Konstantin TÝUKAWIN (Dinamo) | 13 |
| 4 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 10 |
| 5 | Fedor ÇALOW (SSKA) | 10 |

# ÝENE-DE 4 UTUK GALDY

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» myhmançylykda «Real Sosiedady» Arda Güleriň 29-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Reala» çempionlyk üçin 4 utuk ýeterlik bolar. 2-nji ýerdäki «Barselona» Lewandowskiniň het-trik eden oýnunda «Walensiýany» 4–2 hasabynda ýeňmegi başardy. «Walensiýanyň» derwezeçisi Mamardaşwiliniň 1-nji ýarymyň ahyrynda gyzyl kart alan oýnunda Lewandowski 49-njy, 82-nji we 90+3-nji minutlarda tapawutlandy. 3-nji ýerdäki «Žirona» myhmançylykda «Las Palmasdan» 2–0 üstün çykdy. 4-nji ýer ugrunda göreşýän «Atletiko» bilen «Atletigiň» arasyndaky oýunda madridliler 3–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, aratapawudy 6 utuga çykardy. Öz meýdançasynda «Hetafeden» 3–1 hasabynda utulan «Almeriýa» 2 ýyldan soň ýene-de 2-nji liga dolandy.



Arda Güler

**Germaniýanyň çempionatynda** çempion «Baýer» bu tapgyrda-da 90-njy minutdan soň geçiren goly bilen ýeňlişden halas bolup, ýeňlişsizlik seriýasyny 46 duşuşyga ýetirdi. «Ştutgart» bilen duşuşan lewerkuzenliler myhmanlaryň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, hasaby deňlemegi başardy. «Bawariýa» öz meýdançasynda Keýniň gollary bilen «Aýntrahty» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Leipsig» öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmundy» 4–1 hasabynda utup, 4-nji orna ymykly ornaşdy. «Haýdenhaýmdan» 1–0 hasabynda utulan «Darmştadt» toparynyň «Bundesligada» başdangeçirmesi tamamlanyp, ol täze möwsümde «Bundesliga 2»-de çykyş eder.

**Italiýanyň çempionatynda** çempionlygyny geçen tapgyrda yglan eden «Inter» öz meýdançasynda «Torinony» Çalhanoglunyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň merkezi oýnunda — «Ýuwentus» bilen «Milanyň» duşuşygyndan gol sesi eşidilmedi. «Napoli» bilen «Roma» hem 2–2 deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar. Myhmançylykda «Frozinoneden» 3–0 hasabynda asgyn gelen «Salernitana» topary 3 möwsümden soň 2-nji liga düşdi.

**«KRASNODAR» PURSADY ELDEN GIDERDI**

● **Russiýanyň çempionatynda** «Dinamo» öz meýdançasynda «Zeniti» 1–0 hasabynda ýeňdi. Moskwanyň bu kluby bir möwsümde «Zeniti» 2 ýerde-de ilkinji gezek ýeňmegi başardy. «Krylýa Sowetow» bilen golsuz deňme-deň oýnan «Krasnodar» lider bolmak pursadyny elden giderdi.

# Finalçylar jogap duşuşygynda belli bolar

**UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklarynyň 2-si hem Germaniýada geçirildi. Duşuşyklaryň biri deňme-deň tamamlanan bolsa, beýlekisinde ýer eýeleri iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazandy. Iki duşuşykda jemi 5 gol hasaba alyndy.**

UEFA Çempionlar Ligasynda Münhende «Bawariýa» bilen «Real Madridiň» arasynda oýnalan ýarym finalyň 1-nji duşuşygynda ýeňiş gazanan bolmady. Fransiýaly Klemen Turpeniň eminlik eden duşuşygynda ilkinji bolup myhmanlar hasaby açdy. Oýnuň 24-nji minutynda Toni Kroosyň owadan pasynda Winisius Junior topy derwezä gönükdirdi. Ýer eýeleri bu gola 1-nji ýarymda jogap berip bilmedi. 2-nji ýarymyň başlarynda yzly-yzyna 2 gol geçiren nemes kluby 2–1 hasabynda öňe saýlandy. Duşuşygyň 53-nji minutynda Leroý Saneniň jerime meýdançasynyň içine girip, uran batly urgusyndan soň hasap deňlendi. Bu goldan 4 minut soňam Harri Keýn eminiň bellän penaltisini dürs ýerine ýetirip, «Bawariýany» öňe saýlady. Oýnuň 83-nji minutynda emin ýene bir penaltini, bu gezek myhmanlaryň peýdasyna belledi. Ony-da dürs uran Winisius Junior hasaby deňlemegi başardy. Şunlukda, duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Jogap duşuşygy geljek hepdäniň çarşenbe güni, 8-nji maýda Madridde geçiriler.

Karlo Ançelotti tälimçi hökmünde ýene bir ýola «Bawariýadan» ýeňilmedi (9 oýunda 6 ýeňiş, 3 deňlik). «Bawariýa» toparyna 2012-nji ýyldan bäri «Realy» ýeňmek başardanok. «Real Madrid» topary Çempionlar Ligasynda şu möwsümde 11 oýundan bäri ýeňilmän gelýär.

Ýarym finalyň beýleki duşuşygy hem Germaniýada geçirildi. Dortmund şäherinde ýerli «Borussiýa» bilen PSŽ-niň arasyndaky oýunda ýeke gol derwezä girizildi. Şol goly-da nemes klubunyň hüjümçisi Niklas Füllkrug oýnuň 36-njy minutynda öz adyna ýazdyrdy. Soňky ýyllaryň iň çekeleşikli we gyzykly geçen oýnunda iki tarap hem birnäçe amatly pursatlardan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. «Borussiýadan» Sabitser, Adeýemi, Brandt, PSŽ-den Mbappe, Hakimi, Dembele, Fabian Ruiz ýaly oýunçylara örän amatly pursatlarda topy tora ýollamak başartmady. Esasan hem, bir pursatda ilki Mbappeniň, soňra Hakiminiň urgulary sütünden yzyna gaýtdy. Şunlukda, «Borussiýa Dortmund» 1–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, finala çykmak üçin az hem bolsa artykmaçlyk bilen Paryže barar. Jogap duşuşygy geljek hepdäniň sişenbe güni (7-nji maýda) Paryžde oýnalar.









**BAWARIÝA – REAL MADRID: 2-2**
/Sane 53, Keýn 57 p – Winisius Junior 24, 83 p/

**BORUSSIÝA DORTMUND – PARI SEN-ŽERMEN: 1-0**
/Niklas Füllkrug 36/

# «BUNDESLIGANYŇ» IKI USSADY

**Häzirki wagtda futbolda bir toparda uzak wagtlap çykyş etmek ýa-da tälimçi bolmak seýrek duş gelýän hadysadyr. Muňa Paolo Maldini, Françesko Totti, Pol Skouls, Raýan Giggz ýaly tutuş karýeralaryny bir klubda geçiren futbolçylary mysal getirmek bolar. Aleks Ferguson, Gi Ru, Arsen Wenger ýaly meşhur tälimçiler karýeralarynyň ep-esli ýyllaryny bir klubda geçiren ussat tälimçilerdir. Futbolyň irki ýyllarynda, has takygy, 1950-nji ýyllardan öň bir toparda uzak wagtlap işlän tälimçileriň sany az däldi. Hatda şol ýyllarda 20–30 ýyllap bir kluba ýa-da ýygynda tälim berýän hünärmenleriň sany juda köpdi.**

Aleks Ferguson bilen Arsen Wenger tälimçiligi taşlanlaryndan soň, bu statistika hasam azalan ýaly. Ýöne şondada birlän-ikilän duş gelinýär. Şolaryň ikisi häzirki wagtda Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada» bolup, olaryň ikiside köp wagtdan bäri häzirki klublarynda işläp ýörler. Esasy gürrüňe geçmezden ozal, häzirki günde Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda uzak wagtdan bäri bir kluba tälim berip gelýän hünärmenleri hem belläp geçeliň. Diego Simeone 13 ýyla golaý wagt bäri «Atletiko Madride» tälim berip gelýär. Angliýanyň «Premier Ligasynda» 8,5 ýyl gowrak wagtdan bäri «Liwerpulyň» tälimçisi bolup işläp gelýän germaniýaly Ýurgen Klopp möwsümiň ahyrynda wezipesini taşlar. Şu günlerde bassyr 4-nji çempionlygy ugrunda göreş alyp barýan «Mançester Siti» toparynyň ispaniýaly tälimçisi Pep Guardiolanyň hem klubda işläp ýörenine 8 ýyl dolup gelýär. Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da «Atalantanyň» tälimçisi Jan Piero Gasperini 8, «Ligue 1»-de liga galmak üçin göreşýän «Klermon» toparynyň tälimçisi Paskal Gasteýn hem 6,5 ýyldan bäri bir kluba tälim berýär.

### Futbol kluby esaslandyrylanyndan bäri tälim berip gelýär

● Taryhynda ilkinji gezek «Bundesligada» çykyş edýän «Haýdenhaým» toparynyň tälimçisi Frank Şmidt 17 ýyldan bäri kluba tälim berip gelýär. 1846-njy ýylda sport kluby hökmünde esaslandyrylan «Haýdenhaým» topary 2007-nji ýylda futbolda professional klub bolýar. Professional futbola ädilen ilkinji ädim bilen klubuň ykbaly hem üýtgäp başlaýar. Şol wagtlar 5-nji ligada çykyş edýän «Haýdenhaým» toparynda Diter Marklyň ornuna onuň kömekçisi Frank Şmidt wezipä bellenilýär. Şmidt kluby ýurduň iň ýokary ligasyna çykarmak üçin ýeňini çermäp işe girişýär. Klub onuň tälimçiliginde bir möwsümden soň 4-nji liga, ondan soňam 3-nji liga çykýar. 3-nji ligada 5 ýyl güýmenileninden soň, 2014/15 möwsüminde «Bundesliga 2»-ä gadam basan klub bu ýerde-de 8 möwsüm çykyş edýär. Geçen möwsüm «Haýdenhaým» üçin taryhy sene boldy. Klub «Bundesliga 2»-de soňky duşuşygynda «Ýan Regensburg» topary bilen duşuşýar. Şonda 3-nji orunda barýan «Haýdenhaým» topary garşydaşynyň 2–0 öňde barýandygyna garamazdan, 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanýar (Saller 58 ö.d., Beste 90+3 p, Kleidenst 90+9 — Owusu 51, 56). Bu ýeňiş olara «Bundesliga 2»-niň çempionlygy bilen bir hatarda «Bundesliga» gönümel çykmaga ygtyýar berýär. Taryhynda ilkinji gezek «Bundesliga» çykan klub häzirki wagtda 10-njy orunda barýar. Möwsümiň dowamynda «Bawariýany» ýeňmegi klubuň ýatdan çykmajak ýeňişleriniň biri bolýar. Klubuň iň esasy maksady «Bundesliga» ymykly ornaşyp, «Union Berlin» ýaly gysga wagtyň içinde Ýewrokuboklara gatnaşmak bolar. Topar bu ugurda 17 ýyla golaý tälim berip gelýän tälimçisi Şmidte bil baglaýar. Şmidt bir klubda iň uzak wagtlap baş tälimçi bolmakda nemes futbolynyň rekordynyň eýesidir.


Frank Şmidt


Kristian Ştraýh

### 29 ýyllyk başdangeçirme tamamlanar

● Uzak wagtlap bir klubda işläp gelýän ýene bir tälimçi-de Kristian Ştraýh bolup, 30 ýyla golaý bäri «Fraýburg» toparynyň dürli ýaşdaky futbolçylaryna tälimçilik edip gelýär. Futbolçylyk karýerasynda-da 1 ýyl bu klubda oýnan Ştraýh 1995-nji ýylda klubuň ýaşlar toparynyň tälimçiligine bellenilýär. 2007-nji ýylda baş tälimçiniň kömekçisi wezipesine goýlan Ştraýh 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda-da häzirki işine başlaýar. 2014/15 möwsüminde klub aşaky liga düşse-de, toparyň ýolbaşçylary ony wezipesinden boşatmaýar. Klub 1 ýyldan soň ýene-de «Bundesliga» çykmagy başarýar. «Fraýburg» topary onuň tälimçiliginde geçen möwsümi 5-nji orunda tamamlaýar we bu Ştraýhyň ýolbaşçylygyndaky iň ýokary netije hökmünde hasaba alynýar. Duşuşyklara we türgenleşiklere welosipedli gidip gelýän we daşky gurşawa zyýan bermeýän egin-eşikleri saýlap alýan, özboluşly häsiýetli Kristian Ştraýh möwsümiň ahyrynda klubdan gider. Ýagny 58 ýaşyndaky Ştraýhyň möwsümiň ahyrynda «Fraýburgdaky» 29 ýyllyk başdangeçirmesi tamamlanar. Ol bu barada köp oýa batandygyny aýdyp: — Köp pikir etdim, köp adam bilen gürleşdim, pikir alyşdym. 29 ýyldan soň täze-täze adamlar bilen tanyşmagyň, täze mümkinçiliklere rowana bolmagyň pursady gelip ýetdimikä diýýärin — diýip, öz sosial media hasabynda beýan edipdi.

# 90-njy minutdan soň gol geçirmeklik däbe öwrüldi

**Mundan 20 gün öň, ýagny 14-nji aprelde Germaniýanyň «Bundesligasynda» taryhy waka bolup geçdi. Lewerkuzen şäheriniň doly ady «Baýer 04» bolan topary 119 ýyllyk taryhynda (1-nji iýulda 120 ýyl bolýar) ilkinji çempionlygyny gazandy. Bu çempionlygyň iň esasy iki aýratynlygy bolup, birinjisi ýeňlişsiz gazanylan çempionlyk bolmagy, ikinjisi bolsa ýurduň futbolynyň hökmürowany «Bawariýanyň» 11 ýyllyk çempionlygyny soňlandyrmagydyr. «Baýeriň» çempionlyk gazanmagynda tälimçi Habi Alonsonyň orny gürrüňsiz uludyr. Şeýle-de, onuň toparyň oýunçylarynyň süňňüne siňdiren, aňyna guýan motiwasiýasydyr. Ýagny topar çempion bolýança, hatda çempionlyk gazanylandan soňam ýeňşe bolan ynamyny, futbola bolan hyjuwyny, höwesini, motiwasiýasyny birjigem ýitirmedi. Başgaça aýdylanda, käbir oýunlara seredeniňde, olar üçin oýun 90-njy minutdan soň başlanýan ýaly. Muňa toparyň 90-njy minutdan soň geçiren gollary doly şaýatlyk edýär.**

### «BAWARIÝA» DUŞUŞYGYNDA BAŞLADY

14-nji aprelde öz meýdançasynda «Werderi» 5–0 hasabynda ýeňip, çempionlygyny yglan eden «Baýer» toparynyň şu möwsümde oýnuň ahyrlarynda ýeňlişden halas bolan ýa-da ýeňiş gazanan duşuşyklarynyň sany az däl. «Baýer» toparynyň futbolçylary 90-njy minutda we 90-njy minutdan soň 16 gol geçirmegi başardy. 90-njy minutdan soň gol geçirmek klub üçin ýörgünli däbe öwrüldi. Lewerkuzenliler bu ýörelgesine ilkinji bolup, çempionlygyň esasy dalaşgäri «Bawariýa» bilen geçiren duşuşygynda başlady. 4-nji tapgyrda geçirilen bu oýunda 90+4-nji minutda Palasios penaltini dürs urup, «Baýeri» ýeňlişden halas edipdi (2–2).

Çempionatyň 17-nji tapgyrynda «Augsburg» bilen geçirilen duşuşykda ýene-de Palasios 90+4-nji minutda tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getirdi. Myhmançylykdaky «Leipsig» bilen geçirilen duşuşygyň 2–2 deňlikde tamamlanmagyna garaşylýardy. Ýöne Piero Hinkapie 90+1-nji minutda myhmanlara ýeňiş getiren oýunçy boldy. «Bawariýany» öz meýdançasynda 3–0 ýeňen duşuşygynda-da 3-nji gol 90+5-nji minutda geçirildi. Şol goly Frimpong öz adyna ýazdyrdy. «Baýeriň» bu jadylaýjy däbini bozmaga golaýlan ilkinji topar «Hoffenhaým» boldy. 33-nji minutda Maksimillian Baýeriň goly bilen öňe geçen «Hoffenhaýmyň» bu üstünligi 88-nji minutda tamamlandy. 88-nji minutda Andrih hasaby deňlese, Patrik Şik 90+1-nji minutda ýeňiş goluny geçirdi.

Çempionlygyny yglan edeninden soň «Baýer» 2 duşuşygyny hem deňme-deň oýnady. Iki garşydaş hem öňdäki 4-lüge düşmek üçin göreşýän toparlar bolup, «Baýer» ilki myhmançylykda «Borussiýa Dortmund», soňra «Ştutgart» bilen duşuşdy. Dortmunddaky oýunda ýer eýelerinden Füllkrugyň 81-nji minutda geçiren goluna lewerkuzenliler 90+7-nji minutda Stanişiçiň kelle urgusy bilen geçiren goly esasynda jogap berip, ýeňlişsizlik seriýasyny dowam etdirdi. 31-nji tapgyrda öz meýdançasynda 3-nji ýerde barýan «Ştutgarty» kabul eden «Baýeriň» oýny ýene-de şowly boldy. Myhmanlar 2–0 öňe saýlansa-da, Alonsonyň şägirtleri ruhdan düşmedi. Ilki 61-nji minutda tapawutlanan Adli aratapawudy azaltdy. Soňra Andrih 90+6-njy minutda hasaby deňläp, toparynyň bu duşuşykda däbini dowam etdirmegine sebäp boldy.

«Baýer» Germaniýanyň Kubogy ýaryşynyň 2-nji tapgyrynda «Sandhauzen» bilen geçiren duşuşygynda-da soňky minutlarda 3 goly derwezä girizdi. 86-njy minuta çenli deňme-de dowam edýän duşuşygyň (2–2) ahyrlarynda 2 minutda 2 gol geçiren «Baýer» 90+2-nji minutda ýene bir pökgini tora salyp, 5–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Kubok ýaryşynyň çärýek finalynda-da «Ştutgarty» Jonatan Tanyň 90-njy minutda geçiren goly esasynda 3–2 ýeňlişe sezewar etdi. «Baýer» kubok ýaryşynyň finalynda «Kaizerslautern» bilen duşuşar.

### «GARABAG» BILEN GEÇIRILEN 3 DUŞUŞYKDA-DA ...

Diňe bir «Bundesligada» ýa-da Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda däl, eýsem, Ýewropa Ligasynda-da «Baýer» topary 90-njy minutdan soň gol geçirmegini dowam etdirdi. Toparçada myhmançylykda «Garabagy» Bonifeýsiň 90+4-nji minutda penaltiden salan goly esasynda 1–0 ýeňdi. 1/8 finalda ýene-de «Garabag» bilen duşuşan lewerkuzenlileri bu gezek Patrik Şik ýeňlişden halas etdi. 1-nji duşuşykda 2–1 asgyn barýan «Baýer» 90+2-nji minutda Patrik Şigiň goly bilen hasaby deňledi. Jogap duşuşygynda-da azerbaýjanlylar 2–0 öňe saýlandy. Ýöne ýene-de çehiýaly hüjümçi «Baýeriň» dadyna ýetişdi. 90+3-nji minutda hasaby deňlän Şik, 90+8-nji minutda toparyny çärýek finala çykaran goly geçirdi. Çärýek finalda-da «West Hamy» kabul eden «Baýer» 1-nji oýunda 2-nji goluny 90+1-nji minutda derwezä girizdi (Hofmann 83, Bonifeýs 90+1). Jogap duşuşygynda-da Frimpong 89-njy minutda toparyny ýeňlişden halas edip, toparynyň ýeňlişsiz seriýasynyň dowam etmegine sebäp boldy.







Netijede, «Baýer» şu möwsümde geçiren 46 duşuşygynda ýeke gezek hem ýeňilmedi. Telim gezek ýeňlişden halas bolmagy başaran klubuň bu seriýasynyň ýene näçe duşuşyk dowam etjekdigi futbol janköýerlerini içgin gyzyklandyrýar.

# «MANÇESTER SITIDEN» ÖŇE GEÇDI

**Angliýanyň 2-nji ligasy «EFL Championship»-de «Lester Siti» çempionlygyny yglan edip, bir ýyldan soň «Premier Liga» dolandy. 45-nji tapgyrda «Preston Nort End» toparyny Jeými Wardi (2) hem-de Keýzi MakAtiriň gollary bilen 3–0 ýeňen «Lester Siti» 2-nji ligada 8-nji gezek çempion bolmagy başardy. Olar bu ugurda «Mançester Sitiniň» rekordyny (7 çempionlyk) täzelemegiň hötdesinden geldi. «Lester Siti» 45 oýunda 97 utuk toplady. 2-nji ýerde 93 utuk toplan «Ipswiç Tawn» barýar. Olara «Premier Liga» çykmak üçin soňky tapgyrda 1 utuk hem ýeterlik bolar.**

**Italiýanyň 2-nji ligasy «Serie B»-de «Parma» topary 36-njy tapgyrda «Bari» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Bu deňlik olaryň 3 ýyldan soň «Serie A» dolanmagy üçin ýeterlik boldy. 36 oýunda 74 utuk toplan «Parma» soňky gezek 2020/21 möwsüminde «Serie A»-da çykyş edipdi. «Serie B»-de «Komo» 71 utuk bilen 2-nji orunda barýar. Olar indiki tapgyrda ýeňiş gazansa, «Parmadan» soň ýokary liga çykan 2-nji klub bolar.**









